**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– TÜRKMENISTAN BILEN HYTAÝYŇ GATNAŞYKLARY KÖPASYRLYK TARYHA EÝEDIR. BIZIŇ ÝURTLARYMYZY BIRLEŞDIRÝÄN BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY DIŇE BIR ÖZARA BÄHBITLI SÖWDA ÜÇIN KÖPRI BOLMAK BILEN ÇÄKLENMÄN, EÝSEM, MEDENI GATNAŞYKLAR ÜÇIN HEM ÝOL AÇDY.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
20-nji oktýabr, 2023. Belgisi 42/1556




16-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen bagly meselelere garaldy.

# OBA HOJALYK IŞLERI TALABALAÝYK GURALÝAR

Welaýatlaryň häkimleri welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda bugdaý ekişini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirmek, ekilen meýdanlarda kadaly gögeriş almak, ýetişdirilen pagta hasylyny ýygnamak, ýygnalan hasyly pagta kabul ediş harmanhanalarynda bökdençsiz kabul etmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Sebitlerde şaly ekilen meýdanlarda ýetişdirilen hasyly ýygnamak işi guramaçylykly alnyp barylýar we gant şugundyry ekilen meýdanlarynda bolsa ideg işleri, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak we gaýtadan işlemek boýunça degişli çäreler dowam edýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi hem-de geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişiniň we ideg işleriniň talabalaýyk geçirilmegini, ýetişdirilen pagta hasylynyň öz wagtynda ýygnalyp alynmagyny berk gözegçilikde saklamagy häkimlere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda ösdürilip ýetişdirilen pagta hasylyny gysga wagtda ýygnap almak, hasyly harmanhanalarda bökdençsiz kabul etmek we pagta arassalaýjy kärhanalarda gaýtadan işlemek boýunça degişli işler dowam edýär. Bu işler bilen bir hatarda, welaýatlarda geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişi geçirilýär, ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwy tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň talabalaýyk guralmagynyň zerurdygyny belledi we bugdaý ekişiniň öz wagtynda tamamlanmagyny, ýetişdirilen pagta hasylyny ýygnamak işleriniň depgininiň has-da güýçlendirilmegini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işlerini agrotehnikanyň kadalaryna doly laýyklykda we bellenen möhletlerde ýerine ýetirmek boýunça öňde goýlan wezipelere jogapkärçilikli çemeleşilmelidigini belledi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek bilen baglanyşykly görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, berkarar Watanymyzyň rowaçlygynyň, mähriban halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen giň gerimli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI «BIR GUŞAK, BIR ÝOL» HALKARA MASLAHATYNA GATNAŞDY

**Hytaý Halk Respublikasyna iş saparynyň çäginde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow 18-nji oktýabrda «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatyna gatnaşdy.**

Giň gerimli maslahata 140-dan gowrak ýurtdan hem-de iri halkara guramalaryň 30-dan köpüsinden wekiller, şol sanda döwlet Baştutanlary, guramalaryň, ministrlikleriň we işewürler toparlarynyň ýolbaşçylary gatnaşýarlar.

HHR-iň Başlygy Si Szinpin foruma gatnaşyjylara Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» taslamasynyň çäklerinde söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga, netijeli halkara gatnaşyklaryň maksatdyr wezipelerine bagyşlanan maksatnamalaýyn çykyşy bilen ýüzlendi. HHR-iň Başlygy Si Szinpin başlangyjyň çäklerinde kemala gelen özara baglanyşygyň ählumumy ulgamyň müňlerçe ýyl taryhy bolan Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki eýýamda täze ýaşaýyş, durmuş kuwwatyna öwrülendigini nygtady. Ol soňky ýyllarda «Bir guşak, bir ýol» formatynyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň geljekki gözýetimlerini kesgitlemek nukdaýnazaryndan gatnaşyklaryň içgin, oýlanyşykly şertlerini işläp taýýarlamak tapgyryna geçendigini, öňde goýlan meýilnamalaryň bolsa iş ýüzünde amala aşyrylan taslamalara öwrülip, oňat netijeleri berendigini kanagatlanma bilen belledi.

Üçünji ýokary derejeli maslahatyň resmi açylyş dabarasy tamamlanandan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Dýaoýuýtaý» döwlet kabulhanasynda HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy Din Sýuesýan bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler taraplaryň ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşde, iri halkara we sebit düzümleriniň çäklerinde geljekde-de ýakyn hyzmatdaşlyga berk ygrarlydyklary barada aýdyp, iki döwletiň dünýä gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň ýakyndygyny ýa-da gabat gelýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Umumy taryha esaslanýan, döwletleriň we halklaryň abadançylygyna, gülläp ösüşine ýardam berýän biziň ýurdumyzyň häzirki zaman şertlerinde Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek boýunça strategiýasynyň hem-de HHR-iň «Bir guşak, bir ýol» konsepsiýasynyň möhüm ähmiýetine aýratyn üns çekildi.





### HALKARA FORUMDA GAHRYMAN ARKADAGYMYZ ÇYKYŞ ETDI

Günüň ikinji ýarymynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Bir guşak, bir ýol» üçünji halkara forumynyň çäklerinde ýokary derejeli maslahata gatnaşdy.

HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň hemişelik komitetiniň agzasy Din Sýuesýan ýokary derejeli forumy açyk diýip yglan etdi hem-de ýygnananlary mübärekläp, indi Pekinde üçünji gezek geçirilýän bu maslahatyň ähmiýetini belledi. Soňra foruma gatnaşyjylara söz berildi. Ilki bilen, Gahryman Arkadagymyz çykyş etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow çykyşynyň başynda Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine «Bir guşak, bir ýol» üçünji ýokary derejeli maslahatyny çagyrmak başlangyjy, onuň ýokary derejede guralandygy, hoşniýetlilik, myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirdi. Bellenilişi ýaly, bu duşuşygyň geçirilmegi örän derwaýys we zerur wakadyr. Soňky döwrüň ýagdaýlary – pandemiýa, durnuksyzlygyň artmagy, ynanyşmagyň peselmegi ählumumy ykdysady işjeňlige ýaramaz täsirini ýetirdi, özara arabaglanyşykda kynçylyklary ýüze çykardy, durnukly ösüş ulgamynda meýilnamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmegiň derejesini peseltdi. Şu ýaramaz ýagdaýlary ýeňip geçmek üçin döwletleriň we halkara institutlaryň tagallalarynyň birleşdirilmegi, hoşmeýilli erk-islege daýanýan döredijilikli, oňyn gün tertibini berkarar etmek işinde olaryň raýdaşlygy, jogapkärçiligi, öňdengörüjiligi talap edilýär diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi. ■ 2

# Medeni gatnaşyklar halklary ýakynlaşdyrýar





**Asyrlaryň dowamynda türkmen we tatar halklary doganlyk gatnaşyklary saklap gelýärler. Olary ruhy däpler, medeni gymmatlyklarynyň umumylygy birleşdirýär. Türkmenistanda hem-de Tatarystanda aýratyn şatlyk-şowhuna beslenip bellenilýän, aýalyp saklanýan milli baýramçylyklar munuň aýdyň beýanydyr. Olarda halklaryň ajaýyp ýörelgeleri, aýdymlary, tanslary, özboluşly däp-dessurlary bir ýere jemlenýär.**

**Ýakynda ýurdumyzda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet günleri geçirildi.**

**Bu sungat baýramçylygynyň däp bolan dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmäge gönükdirilen türkmen-rus ynsanperwer dialogyny pugtalandyrmakdaky ähmiýeti uludyr.** ■ 2

# Kino sungatynyň baýramy





**Kino sungatyň aýratyn ugry bolmak bilen, ol medeniýetiň beýleki ugurlary ýaly möhüm hem zerur hasaplanýar. Kino sungatyň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda durmuşa has ýakynlygy bilen tapawutlanýar. Çünki kino janlandyrylýan keşp, ömür diýmegi aňladýar. Ol islendik wakany tomaşaçynyň gözüniň öňünde janlanar ýaly edip görkezip bilýär. Kinonyň sungat hökmünde esasy aýratynlygy ynsan durmuşyny hakykata has ýakyn açyp görkezip, adamlaryň duýgusyna ýiti täsir edip bilmäge ukyply bolmagy bilen baglydyr. Häzirki wagtda kino sungaty täze ösüşleriň menziline gadam basdy.** ■ 3

## Howanyň üýtgemeginiň zyýany hasaplandy

Täze Zelandiýanyň Wellington uniwersitetiniň alymlary dünýädäki global maýlama bilen baglanyşykly çykdajylaryň ýokarlanmagy barada ilkinji gezek barlag geçirdiler. ■ 4

## Barmaklary şyrkyldatmak zyýanlymy?

Käbir adam biygtyýar ýagdaýda barmaklaryny şyrkyldadýar. Bu endik adama kanagatlanma duýgusyny berip, her gezek gaýtalanyny duýman galýar. ■ 5

## Şemşat KASYMOWA: – Teatr we kino goşa ganatym

Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň aktrisasy Şemşat Kasymowa 10 ýyldan gowrak wagt bäri teatrda we kinofilmlerde baş keşpleri ýerine ýetirýär. ■ 6

## Los Anjeles 2028 tomusky Olimpiýa oýunlaryna käbir sport görnüşleri girizildi

Sport äleminiň iň uly guramaçylygy hasaplanýan tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna her Olimpiadada sportuň käbir görnüşleriniň goşulmagy dowam edýär. ■ 7

# Magtymguly Pyragy – söz ummanynyň şasy

**Geljek ýylda ýurdumyzda türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejesinde giňden belleniler. Häzirki wagtda Diýarymyzda akyldar şahyrymyzyň ýubileý dabaralaryna uludan taýýarlyk görülýär. Alymlarymyz Magtymgulynyň edebi mirasyny, gadymy golýazmalaryny öwrenmek üçin köp işler durmuşa geçirýärler.**

**Golaýda döwlet Baştutanymyz döredijI ýaşlaryň arasynda «Pähim-paýhas ummany, Magtymguly Pyragy» atly bäsleşigi geçirmek barada resminama gol çekdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň çäklerinde guraljak bu bäsleşik dekabr aýynda jemlener. Şu günler nusgawy şahyrymyzyň döredijiligine degişli gymmatly maglumatlar toplanylýar. Akyldar şahyrymyz özüniň dürdäne şygyrlarynyň üsti bilen Watany söýmegi, agzybir ýaşamagy, ata-enä hormat goýmagy, edepli-ekramly bolmagy, mätäçlik çekýäne kömek etmegi, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi ündäpdir.**

**Gündogar edebiýatynyň meşhur söz ussady Magtymguly Pyragy halkymyzyň ruhy dünýäsine şöhle saçýar. Onuň dürdäne goşgularynyň many-mazmun aýratynlygy, terbiýeçilik ähmiýeti çeper sözüň muşdaklaryny maýyl edip, olary ynsanperwerligiň aýdyň ýoluna ugrukdyrýar. Nusgawy şahyrymyzyň bize galdyran edebi mirasynda dil hakynda aýdylan pähim-paýhaslar hem uly orun eýeleýär.**

**Magtymguly Pyragynyň pelsepewi goşgulary biziň döwrümizde-de uly ähmiýete eýedir. Soňky ýyllarda onuň eserleri daşary ýurt dilleriniň birnäçesine terjime edilip, aýratyn kitap hökmünde neşir edildi. Magtymguly Pyragynyň çuňňur pelsepä, pähim-paýhasa ýugrulan dürdäne şygyrlary ýaş nesli watansöýüjilik, lebzihalallyk, mertlik ruhunda terbiýelemekde görüm-görelde mekdebidir.**

**Akyldaryň şygyrlarynyň, toý-baýramlaryň bezegi bolan döredijiliginiň biziň günlerimize gelip ýetmeginde bagşylaryň hem orny uludyr. Pyragynyň şahyrana mirasyna bagşylaryň döredijiliginde iňňän uly orun berilýär. Olaryň aýdýan aýdymlarynyň agramly bölegi Magtymgulynyň goşgularynadyr. Şahyryň pähime, öwüde, belent söýgä, filosofiýa ýugrulan eserleri häzirki günlerde hem bagşylarymyzyň diliniň senasydyr. Olar Magtymgulynyň goşgularyna döredilen aýdymlary ýerine ýetirmek bilen, şahyryň döredijiligini halk arasynda ýaýradyjy bolup, halkyň söýgüsini gazanýarlar. Ýurdumyzda Magtymguly atamyzyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan aýdym-sazly, edebi-çeper döredijilik duşuşyklary işjeň häsiýete eýe bolýar.**

**Magtymguly Pyragy – türkmen halkynyň milli buýsanjy. Akyldar şahyryň hatyrasyny, hormat-sarpasyny belent tutmakda hemmämize görelde bolýan Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» romanlarynda, «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» kitabynda, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp goşgusynda beýik şahyrymyzyň waspy nusgalyk derejede ýetirilýär. Dünýä döwletleriniň ençemesinde Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň dikeldilmegi-de dünýä halklarynyň türkmeniň beýik akyldaryna goýýan sarpasynyň aýdyň nyşanydyr.**

**Merdan ABAÝEW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

# GDA-nyň çäklerinde ygtybarly hyzmatdaşlyk

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy bolmak bilen, hemişelik Bitarap Türkmenistan GDA-nyň çäklerinde ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyk gelýän açyk we deňhukukly gatnaşyklara ygrarlydygyny tassyklaýar. 13-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmak üçin Gyrgyz Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

«Ala-Arça» döwlet kabulhanasynda döwlet Baştutanymyzyň Prezident Sadyr Žaparow bilen duşuşygy boldy. Söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşdylar. Nebitgaz senagaty, energetika, ulag, oba hojalygy we beýleki ulgamlar hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Gyrgyz Lideri hormatly Prezidentimize elektrik energetikasy ulgamynda hyzmatdaşlygy goldaýandygy üçin hoşallyk bildirip, bu ugurda gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nygtady. Şeýle hem Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň köptaraplaýyn görnüşde, halkara düzümleriň ugry boýunça gatnaşyklarynyň netijeli häsiýeti bellenildi. Hormatly Prezidentimiz sammitde çykyş etmek bilen, döwletleriň Arkalaşygyň formatyndaky özara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleler boýunça hyzmatdaşlygy üstünlikli ilerletmek üçin amatly ýagdaýy döretmegiň möhüm şerti bolup durýandygyna ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Türkmenistan dünýä ösüşiniň ýagdaýlaryny nazara almak bilen, BMG-niň howandarlygynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga girişmegi teklip etdi.

Sammitiň barşynda bolan pikir alyşmalaryň çäklerinde Arkalaşygyň şu ýylyň dowamynda alyp baran işleriniň jemleri seljerildi, geljek ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler anyklaşdyryldy, sebit we halkara durmuşyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem birnäçe guramaçylyk we beýleki degişli meselelere garaldy. Sammitiň jemleri boýunça resminamalaryň birnäçesi kabul edildi.



Arkalaşygyň giňişliginde özara gatnaşyklar meselelerinde işjeň orny eýelemek bilen, ýurdumyz söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy we däp bolan medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Türkmenistan GDA agza döwletler bilen gatnaşyklary, umuman, Arkalaşygyň formatyndaky hyzmatdaşlygy dostlugyň we hoşniýetli goňşuçylygyň berk binýadynda guramak bilen, GDA-nyň howandarlygynda dürli çärelere işjeň gatnaşýar.

Türkmenistan durnukly ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde GDA we iri halkara guramalary, esasan hem, Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen agentlikleri we edaralary, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berýär.

Türkmenistanyň söwda-ykdysady babatdaky tagallalary bilelikdäki işiň täze usullaryny işläp taýýarlamaga, hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan görnüşlerini gözlemäge, köptaraplaýyn arkalaşykly hereketiň anyk ugurlaryny kesgitlemäge gönükdiriler.

Ýurdumyz, hususan-da, ykdysadyýet babatda özara hyzmatdaşlygyň GDA-da jemlenen köp ýyllyk tejribesine esaslanyp, ykdysady gatnaşyklary diňe bir Arkalaşygyň çäklerinde ösdürmäge däl-de, eýsem, olary sebitara we halkara derejä çykarmaga mümkinçilik berýän hyzmatdaşlygyň netijeli usullaryny döretmäge ýardam berer.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Döwrebap ulag ulgamy ösüşiň möhüm şertidir

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan sebit we sebitara ulag-üstaşyr mümkinçilikleriniň gerimini giňeltmekde özüniň tutýan ornuny barha pugtalandyrýar. Dünýä ýüzünde Türkmenistan ulag diplomatiýasynda sebit boýunça iň ýokary işjeňlik görkezýän ýurt hökmünde tanalýar. Ýurdumyz tarapyndan ulag ulgamynda ençeme oňyn teklipler öňe sürülýär we bu teklipler dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylýar. Türkmenistanyň öňe süren teklipleri esasynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ulag ulgamynda ençeme Kararnamalar kabul edildi. Biziň ýurdumyzyň başlangyjy bilen hyzmatdaş döwletleriň bilelikde amala aşyrýan halkara taslamalarynyň ençemesine badalga berilmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýakynda Täjigistan Respublikasynda geçen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygynda Merkezi Aziýa ulag-logistika platformasyny işe girizmek mümkinçiligine garamak hormatly Prezidentimiz tarapyndan edilen teklipleriň biri boldy. Hormatly Prezidentimiziň çykyşynda belleýşi ýaly, ulag ulgamy hyzmatdaşlygyň strategik ugry bolupdy we şeýle bolmagynda-da galýar. Taryhdan belli bolşy ýaly, iri halkara ulag-üstaşyr we söwda geçelgeleriniň ugrunda ýerleşen döwletleriň hemişe ykdysady we medeni ösüş derejesi ýokary bolupdyr. Logistik strategiýany ösüşiň esasy ugry hökmünde kesgitleýän hem-de Ýewropa bilen Aziýany birleşdirýän Türkmenistan ulag düzümlerini kemala getirmekde we halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmekde geljegi nazarlaýan täze ýollary açýar.

Ulag logistikasy dürli ulag görnüşlerini ulanmak bilen, halkara ýük daşalyşy amala aşyrylanda olaryň amatly, çalt we howpsuz daşalmagyny üpjün edýär. Bu bolsa dünýä bazarlarynyň ösýän döwründe ulag-aragatnaşyk infrastrukturalaryň ösmegine, halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine amatly şertleri döredýär. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, ilatyň ýaşaýşynyň hilini ýokarlandyrmak, ykdysady ösüşi gazanmak üçin ulag ulgamyny ösdürmegiň, bu ugurda halkara tagallalarynyň birleşdirilmeginiň ähmiýeti uludyr. Ýurdumyzda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleriniň ulag ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen iri taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi we bu işler häzirki döwürde hem dowam edýär.

Ulag we aragatnaşyk toplumy milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde, ilata edilýän hyzmatlaryň derejesini ýokarlandyrmakda we halk hojalygynyň ähli pudaklaryna sanly ulgamy ornaşdyrmakda aýratyn ähmiýete eýedir. Şu nukdaýnazardan, kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin toplumlaýyn çäreler görülýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä uzaýan dost-doganlyk ýollarymyz ynsanperwerlige ýugrulan hemişelik Bitaraplyk syýasatymyz bilen utgaşýar. Dünýäniň ulag ulgamyna yzygiderli goşulyşmak, Gündogar–Günbatar we



Demirgazyk–Günorta ugurlarynda degişli ýollary baglanyşdyrýan esasy ýollarda milli düzümi has-da giňeltmek ýurdumyzyň ulag diplomatiýasyny ösdürmeklige gönükdirilen maksatnamalaryň esasyny düzýär.

Ýurdumyzyň çäginden geçýän Ýewropa–Kawkaz–Aziýa, Owganystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe, Özbegistan–Türkmenistan–Eýran–Oman ugurlary arkaly üstaşyr ulag geçelgeleriniň sebitde we dünýäde halkara söwdanyň ösmeginde ähmiýeti artýar.

Türkmenistanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň hyzmatdaşlygynda ulag ulgamyna hem möhüm orun degişlidir. Munuň özi kanunalaýyk ýagdaýdyr. Biziň ýurtlarymyz Aziýa we Ýewropanyň arasyndaky üstaşyr ulag gatnawlarynda geografik taýdan möhüm orny eýeleýär. Munuň özi üç döwletiň çäginde Ýewraziýa yklymynyň iki bölegini birleşdirýän doly derejeli logistika merkezini döretmek üçin ägirt uly mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz bitewi ulag strategiýasyny döretmek üçin tagallalary birleşdirmegiň wajypdygyny aýtdy. Şeýle hem bu ugurda gatnaşyklaryň köp babatda halkara hyzmatdaşlar bilen ylalaşygyň gazanylmagyny üpjün etmäge ukyplydygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz dünýä giňişliginde ylalaşykly ulag diplomatiýasyny bilelikde has maksada okgunly amala aşyrmagyň zerurdygyny nygtady. Bu diplomatiýa ýöriteleşdirilen düzümler – BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy, BMG-niň Aziýa–Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasy, Halkara awtomobil ulaglary birleşigi, Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasy bilen işleri işjeňleşdirmegi göz öňünde tutýar.

**Aýsenem GARLYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Kino sungatynyň baýramy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Ýurdumyzyň kino sungatyny has-da belende götermek, şeýle hem bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak maksady bilen kinofestiwallar yzygiderli geçirilýär. Golaýda ýurdumyzyň ilkinji «akylly» şäheri bolan Arkadag şäherinde «Arkadagyň säheri» atly halkara kinofestiwaly geçirildi. Bu festiwala gatnaşmak üçin Azerbaýjanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Russiýanyň, Türkiýäniň, Fransiýanyň aktýorlary, režissýorlary, kino we teatr artistleri, prodýuserleri geldiler.**

**Türkiýeden we Fransiýadan gelen kino ýyldyzlary ýurdumyzda şeýle kinofestiwallaryň geçirilmeginiň tomaşaçylaryň kinofilmlere ýokary gyzyklanmasyny görkezendigini we goňşy döwletleriň kinematograflary bilen özara tejribe alyşmaga mümkinçilik döredendigini nyg-**



**tadylar.**

**Halkara çärä daşary ýurtly gatnaşyjylaryň hatarynda Özbegistanyň Kinematografiýa agentliginiň režissýory Dilşodbek Usmanow, «Russia Today» teleýaýlymynyň habarçysy we režissýory Ýelena Norkunaýte, film tankytçysy Ihsan Nurullah Kabil, režissýor Israfil Kuralaý, «Bozdag Film» kinokompaniýasynyň esaslandyryjysy Mehmet Bozdag, türk kino ýyldyzlary Burak Özçiwit, Özjan Çagry Şensoý, Fatih Aýhan, Ýigit Uçan, Murat Bonjukçu, «Monde et Media» fransuz kompaniýasynyň artisti Eduar Montut hem-de prodýuseri Žan-Mari Laronz bar. Olar ýurdumyzda bolup, türkmen halkynyň myhmansöýerligi bilen garşylandylar.**

**Ýurdumyzyň kino sungaty hem bu festiwalda mynasyp wekilçilik etdi. Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň «Gyzyl kürte», «Wada», «Daragt», «Ýaşlar», «Kämillige ýol» atly filmleri köp sanly tomaşaçylaryň söýgüsini gazandy.**

**Festiwalda Gazagystanyň «Gopuz», Täjigistanyň «Sary çeşme», Türkmenistanyň «Toý köýnek», «Umyt», «Nesibe», Özbegistanyň «Üzüm», «Meniň arzuwym Özbegistan», Gyrgyzystanyň «Umut», «Öz kakasynyň ogly», «Poçtaçy», Russiýanyň «Ahalteke» atly filmleri, şeýle hem TRT teleýaýlymynyň Türkmenistandaky wekilhanasy, Türkiýäniň «Bozdag Group» kompaniýasy diplomlara, gymmat bahaly sowgatlara mynasyp boldy.**

**Bilal MEREDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# Türkmen kino ussatlarynyň üstünlikleri

Häzirki döwürde ýurdumyzda hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan aýdyň maksatlara laýyklykda, dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklar barha ösdürilýär. Ýurdumyzda ählumumy parahatçylygy, dost-doganlygy has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen giň möçberli işler alnyp barylýar. Ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasynda hoşniýetli medeni gatnaşyklar ýola goýulýar. Goňşy we dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynda aýratyn orny eýeleýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda kinematografiýa işiniň kämilleşdirilmegine, surata düşürilen milli filmleriň köpçülige görkezilmegine, kinofestiwallaryň geçirilmegine, türkmen hünärmenleriniň daşary ýurtlarda geçirilýän halkara kinofestiwallara gatnaşmaklaryna hem uly ähmiýet berilýär. Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde surata düşürilýän filmler halkara kinofestiwallarda uly üstünlikleri gazanýar.

Ýaňy-ýakynda Türki döwletleriň kino sungatyny ösdürmek maksady bilen geçirilmegi däbe öwrülen «Gorkut ata» halkara kinofestiwaly Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirildi. Halkara kinofestiwal 8-11-nji oktýabr aralygynda Azerbaýjan Respublikasynyň Baku şäherindäki «Niýazmi» kinoteatrynda geçirildi. Oňa Türkmenistandan, Özbegistandan, Gazagystandan, Azerbaýjandan, Türkiýeden, Gyrgyzystandan we Russiýadan getirilen çeper filmleriň 32-si, şeýle-de dokumental we animasion filmler hödürlendi.

Halkara kinofestiwaly Azerbaýjan Res-




publikasynyň Medeniýet ministrligi, TÜRKSOÝ, Azerbaýjanyň kino agentligi we Baku medeniýet merkezi bilelikde gurady.

Halkara kinofestiwala ýurdumyzdan gatnaşan Ahmet Amandurdyýew «Gyzyl alma» filminde janlandyran keşbi üçin «Iň gowy erkek keşbini janlandyran aktýor» baýragyna mynasyp bolmagy başardy. Filmiň sýužeti gündogar edebiýatynda meşhur bolan gy-




zyl almanyň rowaýatyna esaslanýar. Filmiň režissýory Hekim Alowow gahrymanlaryň üsti bilen türkmen halkynyň haýyr-sahawat we sahylyk ýaly häsiýetlerini ussatlyk bilen açmagy başarypdyr.

Şeýle hem Bakuda geçirilen «Gorkut ata» türki dünýäsiniň III halkara kinofestiwalynda türk dünýäsiniň kino sungatynyň ösmegine goşýan goşantlary üçin kinorežissýor Çaryýar Seýitliýew «Gorkut ata» halkara kinofestiwalynyň hormatly baýragyna mynasyp bolmagy başardy.

Türki döwletleriň kino sungatyny ösdürmek maksady bilen geçirilmegi däbe öwrülen «Gorkut ata» halkara kinofestwaly 2024-nji ýylda ýurdumyzda – Änew şäherinde geçiriler. Halkara kinofestiwalyny Änew şäherinde geçirmek baradaky çözgüt kabul edilenden soňra festiwalyň nyşany bolan «Durna» heýkeljigi Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigine gowşuryldy.

Mälim bolşy ýaly, «Gorkut ata» halkara kinofestiwaly türki döwletleriň dürli şäherlerinde her ýyl geçirilýän festiwaldyr. Bu halkara festiwal 2021-nji ýylda esaslandyryldy. Onuň esaslandyrylmagynyň maksady, türki döwletleriň kino sungatyny ösmekden, şeýle-de türki halklaryň arasyndaky medeni gatnaşyklary pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzda halkara derejedäki festiwallar, sergiler, maslahatlar, konsertler we beýleki medeni çäreler yzygiderli geçirilýär. Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmakda, halklaryň arasynda agzybirligi hem-de dost-doganlygy kemala getirmekde bu çäreleriň ähmiýeti örän uludyr. Türkmen halkynyň baý medeni mirasyny, gadymy gymmatlyklaryny, milli sungatyny giňden wagyz etmekde, dünýä halklaryny medeniýetde we sungatda gazanylan üstünlikler bilen tanyşdyrmakda halkara derejeli festiwallara möhüm orun degişlidir.

**Atanyýaz ANNAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# Wena baly – türkmen-awstriýa medeni hyzmatdaşlygynyň köprüsi

Golaýda Köpetdagyň ajaýyp tebigy künjeginde ýerleşýän Arkadag şäherinde V Wena baly we «Galkynyş» türkmen-awstriýa simfoniki orkestriniň konserti geçirildi. Bu çäre ýurdumyzyň medeni durmuşyna özboluşly öwüşgin çaýyp, Türkmenistan bilen Awstriýa Respublikasynyň arasyndaky dostluk we netijeli hyzmatdaşlyk köprüsine öwrüldi.

Türkmen-awstriýa jemgyýetiniň gatnaşmagynda bilelikdäki taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi. Şoňa görä-de, V Wena balyna we «Galkynyş» simfoniki orkestriniň konsertine gatnaşmak üçin Türkmenistana Awstriýadan myhmanlar geldiler, olar üçin medeni maksatnama taýýarlanyldy.

«Wena baly» diýlende, ilki bilen, göz öňünde frakly ýigitler we ak-gara reňkler bilen utgaşyp gidýän nepis köýnekli gyzlar janlanýar. Bu tansa türkmen halkynda hem uly orun berilmeginiň aňyrsynda Wena balynyň watany hasaplanýan Awstriýa bilen dost-doganlyk gatnaşyklarymyz durandyr. Çünki şanly Garaşsyzlygymyzyň 20 ýyllygynyň öňüsyrasynda, ýagny 2011-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda mermer paýtagtymyz Aşgabatda ilkinji gezek Wena baly geçirilipdi. Ol şol günden bäri iki dostlukly halkyň arasyndaky gatnaşyklaryň giň gerime eýe bolýandygynyň, türkmen-awstriýa hyzmatdaşlygynyň pugtalanýandygynyň aýdyň şaýady bolupdy we hut şol günden başlap, ýurdumyzda Wena baly geçirilip başlanypdy.

Wena balynyň geçirilmegi öz gözbaşyny



Gahryman Arkadagymyzyň 2008-nji ýylda Wena bolan saparyndan alyp gaýdýar. Örän ähmiýetli bolan bu sapar giň hyzmatdaşlyklara ýol açypdy. Döredijilik işgärlerinden ybarat bolan halk we estrada aýdymçylary, sazandalar we tansçylar Wenanyň Ferstel köşgünde – tutuş Ýewropada sazyň merkezi hökmünde ykrar edilen ýerde uly konsert bilen çykyş edip, Türkmenistan ýurdumyzyň adyny belende galdyrypdylar, Ýewropany türkmen medeniýeti, sazy bilen tanyşdyrypdylar.

Ýurdumyzda şeýle hyzmatdaşlyklaryň berkemeginde Awstriýa-türkmen jemgyýeti uly ähmiýete eýedir. Iki halkyň arasynda dostluk köprüsine öwrülen bu jemgyýet Günbatar Ýewropany ýurdumyzyň gadymy we şu günki taryhy, baý medeni mirasy, medeniýeti bilen tanyş-



dyrýar. «Galkynyş» türkmen-awstriýa simfoniki orkestriniň hem şeýle gatnaşyklaryň netijesinde, has dogrusy, Gahryman Arkadagymyzyň goldaw bermeginde we howandarlyk etmeginde döredilendigini aýtmalydyrys.

Wena baly Awstriýanyň ýüzi hasaplanýar. Ol indi ençeme ýyl bäri dowam edip gelmek bilen, Awstriýanyň medeni ösüşine uly täsir edýär. Sebäbi «Wena baly» diýlende Awstriýanyň özboluşly baý sungaty göz öňüne gelýär. Wena baly Awstriýanyň medeni däpleriniň aýrylmaz bölegidir. Ol 500 ýyl töweregi taryhynyň dowamynda abraýyny birjik-de peseltmän, Awstriýanyň, hatda Ýewropanyň çäklerinden hem çykyp, dünýäniň köp ýurtlarynda uly meşhurlykdan peýdalanýan, yzygiderli guralýan medeni çärä öwrüldi.

Wena baly baradaky ilkinji taryhy maglumatlar XIV asyra gabat gelýär. Olaryň birinde Wengriýanyň koroly Lýudwigiň hormatyna 1347-nji ýylda guralan Wena balynyň bir hepde dowam edendigi barada bellenilýär. XIX asyryň başlarynda köşgüň eýwanynda, teatrlarda, käte kaşaň öýlerde guralýan ballara Wenanyň ähli ýaşaýjylary gatnaşypdyr. Şol döwürler giň meşhurlyga eýe bolan wals kem-kem Wena balynyň esasy tansyna öwrülýär. Hatda Şuben, Ştraus ýaly ussatlaryň döredijiliginde-de wals uly orun tutupdyr. Şeýlelikde, XIX asyr Wenany walsyň paýtagtyna öwürýär.

Ýöne dünýä belli Wena balynyň döran wagty 1935-nji ýyl hasaplanylýar. Şol ýylyň ýanwar aýynda ilkinji gezek häzirki zaman Wena baly geçirilýär. Häzirki döwürde ýylyň dowamynda Wenada 300-500 töweregi bal geçirilip, olaryň hersi aýratynlykda atlandyrylýar.

**Bilbil MUHAMMETBERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde



**Syýahatçylyk paýtagty bolar.** Türküstanda (Gazagystan) geçirilen Türki döwletleriň guramasynyň syýahatçylyk ministrleriniň sekizinji duşuşygynda Türküstany 2024-nji ýyl üçin türki dünýäsiniň syýahatçylyk paýtagty hökmünde saýlamak kararyna gelindi. Bu barada 3-nji noýabrda şu şäherde geçiriljek TDG ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň sammitinde resmi taýdan yglan etmek meýilleşdirilýär.



**Könelmegi sebäpli ýapyldy.** Perunyň Kusko welaýatynyň medeniýet bölümi daş bölekleriniň könelmegi sebäpli Kondoryň ybadathanasyna we gadymy inkleriň Maçu-Pikçu şäheriniň Intiuatan obserwatoriýasyna syýahatçylaryň barmagyny çäklendirdi. Muny bölümiň müdiri Maritsa Rosa Kandia habar berdi.



**Iň agyr kädi rekordy täzelendi.** ABŞ-nyň Minnesota ştatynda ýaşaýan mugallym Trewis Jinjeriň ösdürip ýetişdiren kädisi Kaliforniýada geçirilen ýaryşda dünýä rekordyny täzeledi. Onuň agramy 1 tonna 246,9 kilograma deň boldy. Rekordsmene 30 müň dollar pul sylagy berildi. Mundan ozalky rekord (1 tonna 226 kilogram) 2021-nji ýylda hasaba alnyp, italiýaly Stefano Kutrupä degişlidi.



**Uly robokostýum döretdiler.** Ýaponiýanyň «Tsubame Industries» kompaniýasy kosmosy öwrenmek üçin ulanylyp bilinjek «Archax» robokostýumyny hödürledi. 3,5 tonna agramly robokostýumyň beýikligi 4,5 metr bolup, bahasy 3 million dollara barabar. Dört tigirli enjam dikligine we keseligine hereket edip bilýär.



**Selfi üçin iň gowy smartfon.** «iPhone 15 Pro Max» öňki kamerasynyň hili boýunça dünýäde iň gowy smartfon boldy. «DxOMArk» saýtynyň synaglarynyň netijesine görä, «iPhone 15 Pro Max» gündizine ýokary durulyk bilen surata düşürýär hem-de gowy ýitilik çuňlugyny üpjün edýär.



**Deňzi plastikden arassalar.** Niderlandly inženerler deňiz suwuny plastik galyndylardan arassalamagyň özboluşly usulyny teklip etdiler. Birnäçe gämilere berkidilen torlary Uly ýuwaş ummanyň zibil tegmilleriniň üstünden ýazdylar. Ulgam gysga möhletlerde futbol meýdançasyna deň bolan çägi arassalamaga mümkinçilik berýär.



**7,5 trillion tonna buz ýitirdi.** Alymlar soňky 25 ýylda Antarktidanyň buzluklarynyň näçeräk buz ýitirendigini hasapladylar. Barlaglara laýyklykda, 1997-nji ýyldan 2021-nji ýyl aralygynda buzluklar ummana 7,5 trillion tonna suw goýbermek bilen 40%-den gowrak azaldylar.



**Ýabany tebigatyň iň gowy suraty.** Britaniýanyň Tebigat ylymlary muzeýi ýabany tebigatyň iň gowy suratlarynyň bäsleşiginiň jemlerini yglan etdi. Oňa dünýäniň 95 ýurdundan 50 müňe golaý surat iberildi. Bäsleşikde fransiýaly Loran Ballest garaleňňejiň suraty bilen ýeňiji boldy.



**Geljek ýylyň ýanwarynda ýeter.** Hindistanyň «Aditya-L1» Güni öwreniş kosmos stansiýasy 2024-nji ýylyň ýanwar aýynyň ortalaryna Güne gözegçilik etjek ýeri bolan «Lagranž L1» nokadyna ýeter. Bu barada kosmos gullugynyň başlygy Şridhara Paniker Somnath aýtdy. «Aditya-L1» hindi awtomatiki stansiýasy 2-nji sentýabrda uçurylypdy.



**Ýarysyndan gowragy smartfonly.** Ykjam aragatnaşyk operatorlarynyň assosiasiýasy GSMA ykjam internetiň ýagdaýy baradaky ýyllyk hasabatynda dünýäde smartfon eýeleriniň sanynyň 4,3 milliard adama ýetendigini habar berdi. Bu Ýer ýüzüniň ýaşaýjylarynyň, takmynan, 55%-ine deňdir diýlip hasabatda bellenilýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1973-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II Sidneý opera teatrynyň açylyş dabarasyna gatnaşýar. Sidneý opera teatry dünýäniň iň owadan binalarynyň biri hökmünde ykrar edildi. Täze opera binasynyň gurluşygy ugrundaky bäsleşige 32 ýurtdan 233 hünärmen gatnaşyp, bäsleşigiň ýeňijisi Ýorg Utson bolýar.**



## Ýurduň iň ýaş Prezidenti

**Ekwadorda möhletinden öň geçirilen Prezident saýlawlarynda «Milli demokratik hereketine» wekilçilik edýän Daniel Noboa ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Milli saýlaw geňeşi habar berdi. Onuň garşydaşy çepçi «Raýat ynkylaby» hereketinden Luisa Gonsales ýeňlendigini boýun aldy. Sesler sanalandan soň, Noboanyň 52,29%, Gonsalesiň 47,71% ses alandygy belli boldy.**



**35 ýaşly Noboa ýurduň iň baý işewüriniň ogly bolup, Ekwadoryň taryhynda iň ýaş Prezident bolar. Täze döwlet Baştutany noýabr aýynyň ahyrynda ýa-da dekabr aýynyň başynda wezipesine girişer.**

**15-nji oktýabrda ýurtda nobatdan daşary prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirildi. Ondan öň geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynda Luis Gonsalesiň öňdeligi eýeländigi habar berlipdi. Şol saýlawlarda Daniel Noboa ikinji orny eýeläpdi. Birinji tapgyrda ýeňiş gazanmak üçin dalaşgär sesleriň ýarysyndan gowragyny ýa-da 40%-den gowrak ses almalydy. Şeýle netije gazanylmandygy üçin Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry yglan edilipdi.**

## Indiki sammit Moskwada guralar

13-nji oktýabrda Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Japarowyň ýolbaşçylygynda Bişkekde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) Döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Duşuşyga Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Alyýew, Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmon, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, GDA-nyň ýerine ýetiriji komitetiniň baş sekretary Sergeý Lebedew gatnaşdy. Sammite gatnaşyjylar çäkli we giňeldilen düzümde maslahat geçirip, onuň barşynda GDA-nyň çäklerindäki özara gatnaşyklaryň möhüm meseleleri barada pikir alyşdylar.

Sammitden soň GDA ýurtlarynyň ýolbaşçylary 16 resminama gol çekdiler. Şeýle-de, sanly tehnologiýalar ulgamynda döwlet dolandyryş ulgamlaryny sazlaşdyrmak barada, köp polýarly dünýädäki döwletara gatnaşyklarynyň ýörelgeleri barada, adam hukuklary we raýatlaryň din azatlygy hukugyny goramak barada hem-de milletara aragatnaşyk dili hökmünde rus dilini goldamak barada 4 beýanata gol çekildi. Howpsuzlyk pudagy bilen baglanyşykly iki resminama hem gol çekildi. Hususan-da, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna töwekgel-



çiligi bahalandyrmak boýunça halkara merkezini döretmek we kazyýet-seljeriş işi babatynda GDA-nyň utgaşdyryjy geňeşini döretmek baradaky şertnama gol çekildi.

2024-nji ýylda GDA-nyň başlyklygynyň Russiýa tarapyndan amala aşyryljakdygy we GDA-nyň indiki sammitiniň 2024-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Moskwada geçiriljekdigi barada kararlar kabul edildi.

## MILLI PARTIÝANYŇ ÝEŇŞI

14-nji oktýabrda Täze Zelandiýada geçirilen parlament saýlawlarynda ýurduň Milli partiýasy ýeňiş gazandy. Netijede, alty ýyl häkimiýetde bolandan soň dolandyryjy Zähmet partiýasy işinden çekildi. Milli partiýanyň ýolbaşçylygyndaky sagçy partiýalaryň koalisiýasy parlamentdäki orunlaryň ýarysyndan gowragyna eýe boldy. Bu ýagdaý Milli partiýanyň lideri Kristofer Laksona Premýer-ministr hökmünde hökümet gurmaga hukuk berdi. Tarapdarlarynyň öňünde çykyş eden Lakson Milli partiýanyň indiki hökümete ýolbaşçylyk edip biljekdigini aýtdy. Ol çözülmeli meseleleriň arasynda ýaşaýşyň bahasynyň arzanladylmagy barada durup geçdi.

Zähmet partiýasynyň lideri Kris Hipkins hem öz partiýasynyň güýçli bolup galjakdygyny aýtdy. Ses berişliklere görä, Täze Zelandiýanyň iň uly partiýasy bolan Milli partiýa parlamentdäki 121 ornuň 50-sine, dolandyryjy Zähmet partiýasy bolsa, 34-sine eýe boldy. Mundan başga-da, «Ýaşyllar» partiýasy, ACT partiýasy, «Ozaly bilen Täze Zelandiýa» partiýasy we Maori partiýasy degişlilikde, 14, 11, 8 we 4 orna eýe boldy.

Saýlawlara jemi 17 syýasy partiýa gatnaşdy, ýöne ahyrynda olaryň diňe altysy parlamentden orun almagy başardylar. Partiýalaryň hiç birisiniň orunlaryň köpüsini gazanyp bilmändigi üçin, täze hökümetiň döredilmegi koalisiýa hökümeti-



ni döretmek boýunça partiýalaryň arasyndaky gepleşikleriň netijesine bagly bolar. Resmi netijeler 3-nji noýabrda mälim ediler. Bu saýlawlara, takmynan, 3,5 million adam gatnaşdy.

Polineziýa sebitinde ýerleşýän Täze Zelandiýanyň 5 milliondan gowrak ilaty bar. Ýurduň paýtagty Wellington şäheridir.

## Parlament saýlawlary geçirildi

15-nji oktýabrda Polşada geçirilen parlament saýlawlarynyň netijelerinden soň Polşadaky üç bileleşik hökümet gurmak hukugy üçin ýeterlik mukdarda ses aldy. Parlamentiň agzalary dört ýyl-



lyk möhlete saýlanýar. Ýurtda iki palataly parlament bolup, geçirilen saýlawda kanun çykaryjy aşaky palatanyň (Seým) 460 hem-de ýokary palatanyň (Senat) 100 agzalaryna ses berildi.

Geçirilen saýlawda sekiz ýyldan bäri häkimiýet başyndaky konserwatiw Kanun we adalat (PiS) partiýasy sesleriň 36,8%-ine (200 orun) eýe boldy, ýöne bu dolandyryjy köplügi döretmek üçin ýeterlik däl. Onuň koalisiýa hyzmatdaşy, milletçi ýewroskeptik «Konfederasiýa» partiýasy 6,2%-e (12 orun) eýe boldy, emma bu ýagdaýy üýtgetmez.

Öňki Premýer-ministr we Ýewropa Geňeşiniň öňki başlygy Donald Tuskuň iň uly raýat koalisiýasy 31,6% (163 orun), «Üçünji ýol» merkezi birleşigi 13% (55 orun), «Çepçi» 8,6% (30 orun) sese eýe boldy. Bu bilelikde parlamentde 248 orny eýelemäge mümkinçilik berýär.

Maglumatlara görä, saýlawlara gatnaşyk 1990-njy ýyllardan bäri iň ýokary derejä ýetip, 72,9% boldy. 2019-njy ýylyň oktýabr aýynda milli parlamente geçirilen soňky saýlawlarda bu görkeziji 61,74% bolupdy. 2015-nji ýylda saýlawlara polýaklaryň 50,9%-i gatnaşypdy. Berlen maglumata görä, ýurtda 29 million töweregi saýlawçy bar.

## HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINIŇ ZYÝANY HASAPLANDY

Täze Zelandiýanyň Wellington uniwersitetiniň alymlary dünýädäki global maýlama bilen baglanyşykly çykdajylaryň ýokarlanmagy barada ilkinji gezek barlag geçirdiler. Olaryň hasaplamalaryna görä, soňky 20 ýylda adatdan daşary howa ýagdaýyndan çekilen zyýanyň sagatda 16 million dollar bolandygy çaklanylýar.

2000-nji ýyldan 2019-njy ýyla çenli dünýädäki ähli ýurtlar howanyň üýtgemegi sebäpli 140 milliard dollar ýitirdi. Anyk mukdar ýylda 60-dan 230 milliard dollar aralygynda üýtgeýär. Iň köp ýitgi 2003-nji ýyla degişlidir, şol ýyl Ýewropada güýçli yssy, şeýle-de 2010-njy ýylda Russiýada iň yssy howa, Somalide güýçli guraklyk hasaba alnypdyr. ABŞ-daky 2005-nji we 2017-nji ýyllardaky deňiz harasatlarynda ýykylan we zeper ýeten gozgalmaýan emläkler sebäpli has köp ýitgi çekilipdir. 2022-nji ýylda ýitginiň umumy möçberi 280 milliard dollara deň bolupdyr.

Çykdajylaryň üçden iki bölegi adam pidalaryna, galan bölegi zeper ýeten emläklere goýberilipdir. Howa çykdajylarynyň üçden iki bölegi tupan bilen baglanyşykly bolup, ýyly howa akymlaryna 16%-i, sil joşmalaryna hem-de guraklyga 10%-i degişlidir.

Barlaglaryň awtorlarynyň belleýşi ýaly, garyp



ýurtlar barada ýeterlik maglumat bolmansoň, olaryň zyýany baradaky çaklama hakykatdan has pes bolup biler. Mundan başga-da, deňziň derejesiniň ýokarlanmagy bilen utgaşyklylykda hasyllylygyň peselmegi ýaly ýagdaýlaryň hasaba alynmandygy bellenilýär.

## GÜNORTA AFRIKANYŇ ILATY ARTÝAR

2022-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynyň ilaty 62 milliona barabar bolup, bu görkeziji 2011-nji ýylda 51,7 milliona deňdi. Bu barada soňky ilat ýazuwynyň maglumatlarynda tassyklanýar. Ýurduň statistika edarasy tarapyndan neşir edilen resmi maglumatlara görä, Günorta Afrikanyň ilaty 2011-2022-nji ýyllar aralygynda 19,8% artdy. Bu 1996-njy ýyldan bäri ilatyň iň köp göterim ýokarlanmagydyr.

Ýurduň ilatynyň 48,5%-ini erkekler, 51,5%-ini bolsa zenanlar düzýär. Ilat ýazuwy Günorta Afrikanyň ilatynyň 81,4%-iniň gara tenli afrikalylardygyny, 8,1%-iniň mulatlardygyny (akýagyzlar bilen garaýagyzlaryň nikasyndan dörän nesil), 7,3%-iniň ak tenlilerdigini, 2,7%-iniň aziýalylardygyny görkezdi.

Ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä, 2022-nji ýylda Günorta afrikaly maşgalalaryň 88,5%-i resmi ýaşaýyş jaýlarynda, 3,1%-i adaty ýaşaýyş jaýlarynda we 8,1%-i bolsa resmi däl ýaşaýyş jaýlarynda ýaşapdyr. Maşgalanyň ululygy 3-4 adamdan ybarat bolupdyr.

– Ilat ýazuwy, Günorta Afrikada 1996-njy ýyldan bäri galam we kagyz ulanmazdan geçirilen ilkinji sanly ilat ýazuwydyr – diýip, ýurduň statistika edarasynyň baş hünärmeni Risenga Maluleke aýtdy.



## «Micheliniň» täze hasabaty

**Maliýe hasabatlaryny taýýarlaýan «John Lewis Finance» kompaniýasy «Michelin» ýyldyzly arzan restoranly iň gowy şäherdir ýurtlaryň sanawyny taýýarlady. Kompaniýanyň bilermenleri dünýäde «Michelin» ýyldyzy berlen 16 müň restorany seljerip, myhmanlaryň ortaça, 35 ýewro günortanlyk naharyny edinmegi üçin oňaýlylaryny anyklapdyr.**

**Kompaniýa sanawa diňe «Michelin» ýyldyzly restoranlary däl, eýsem, «Green Star» we «Bib Gourmand» ýaly beýleki abraýly baýraklara mynasyp bolanlary hem hasaba alypdyr. Arzan «Michelin» ýyldyzly restoranlary bolan şäherleriň sanawynda Tokio bilen Seul öňe saýlanýar. Olaryň her birinde baha we hil babatda gowy bolan onlarça restoran bar. Ýurtlar barada aýdylanda, Italiýa öňe saýlanýar.**



**Iň arzan «Michelin» ýyldyzly restoranlary bolan ýurtlaryň ilkinji onlugy şulardan ybarat: Italiýa (230 restoran); Ýaponiýa (177 restoran); Singapur (150 restoran); Fransiýa (140 restoran); Tailand (125 restoran); Ispaniýa (118 restoran); Taýwan (113 restoran); ABŞ (80 restoran); Germaniýa (68 restoran); Hytaý (66 restoran).**

**Iň arzan «Michelin» ýyldyzly restoranlary bolan şäherleriň sanawy şulardan ybarat: Tokio, Ýaponiýa (77); Seul, Koreýa Respublikasy (59); Osaka, Ýaponiýa (46); Bangkok, Tailand (43); Kioto, Ýaponiýa (40), Taýbeý, Taýwan (40); Taýnan, Taýwan (35); Guançžou, Hytaý (24); Jorjtaun, Malaýziýa (23); Taýçžun, Taýwan (22).**

## Aýy öwrenmek üçin radioteleskop gurýar

Hytaýda Aýy öwrenmek maksady bilen radioteleskopyň gurluşygyna girişildi. Bu barada Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň web sahypasynda habar berilýär. Diametri 40 metr bolan



radioteleskop Hytaýyň Szilin şäheriniň golaýyndaky Çanbaýşan dagynda ýerleşer. Onuň 2024-nji ýylyň ahyryna çenli tamamlanmagyna garaşylýar.

Bu optiki desga ýokary takyklykdaky köp maksatly radioteleskopdyr. Ol Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň Şanhaý astronomiýa obserwatoriýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Teleskop Hytaýyň Aý we uzak kosmos barlag maksatnamalary üçin wezipeleri ýerine ýetirer. Alymlar Çanbaýşan dag sebitini açyk asmany we gurak howasy sebäpli gözegçilikleri alyp barmaga amatly ýer hasaplaýarlar. Gurluşygy tamamlanansoň täze teleskop ýurduň beýleki bäş teleskopy we Şanhaýdaky bir maglumat merkezi bilen birleşdiriler, bu bolsa Hytaýyň gözegçilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrar we uzak kosmos gözleglerine has gowy hyzmat eder.

Maý aýynyň ahyrynda Hytaý 2030-njy ýyla çenli öz kosmonawtlaryny Aýyň üstünde ýerleşdirmek meýilnamasyny yglan etdi. Olar Aýyň üstünde lunohodda hereket edip bilerler. Enjam ýerleşýän ýerini kesgitläp bilýän funksiýa bilen üpjün ediler. Hytaý kosmos barlaglar maksatnamalaryny işjeň ösdürýär. 2004-nji ýylyň ýanwar aýynda Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşi Aý barlaglarynyň milli maksatnamasyny tassyklady.

## DÜNÝÄDE IŇ KÖP SATYLAN SMARTFONLAR

**«Counterpoint» seljeriş firmasy 2023-nji ýylyň üçünji çärýeginde iň köp satylan smartfonlaryň sanawyny düzdi. Sanawyň ilkinji dört ornuny degişlilikde, «iPhone 14», «iPhone 14 Pro Max», «iPhone 14 Pro» we «iPhone 13» eýeledi. Galan alty orny diňe «Samsung» enjamlary eýeledi: «Galaxy A14», «Galaxy A54», «Galaxy A14 5G», «Galaxy S23 Ultra», «Galaxy A04e» we «Galaxy A34». Şeýlelikde, ilkinji onlugy diňe iki kompaniýa eýeledi.**

**«Counterpoint» seljeriş firmasynyň hasabatynda ýylyň üçünji çärýeginde «Apple Pro» modelleriniň hasabyna Aziýadaky we Ýewropadaky paýlaryny artdyrandygy bellenilýär. «Samsung» kompaniýasynyň öndürijiligi Aziýada we Latyn Amerikasynda has-da ýokarlandy. «Galaxy A» enjamlarynyň seriýalaýyn önümçiligi netijesinde koreý brendi barha ösýär.**



# GÜÝZDE SYÝAHAT EDILMELI ŞÄHERLER

**Güýz pasly gyzyl, sary we mämişi ýapraklaryň öwüşgini bilen jadyly dünýäni emele getirýär. Güýz agraslygyň, pikirleriň durlanýan pasly bolup, sary dona bürenen tebigatda gezelenç etmek, ýaprak düşelen ýodalarda ýöräp, daş-töweregiň gözelligini synlamak her bir adamyň kalbynda ajaýyp duýgulary döredýär. Howanyň salkynlaýan bu möwsümi syýahat etmek üçin amatlydyr. Gazetimiziň şu sanynda güýz paslynda ajaýyp görnüşe eýe bolýan owadan şäherler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**





**Pariž, Fransiýa.** Güýz pasly romantikleriň şäherine baryp görmegiň iň amatly wagtydyr. Her möwsüm özboluşly görnüşe eýe bolýan Pariž güýz paslynda sary we goňur seýilgähleri bilen syýahatçylarda ýakymly duýgulary döredýär. Şäherde kofeniň hoşboý ysy bilen utgaşýan tebigy gözellikleri synlap, Notr-Dam we Eýfeliň jadysyny duýup bolýar. Altynsow ýapraklar bilen düşelen Sena derýasynyň boýunda gezelenç etmek hem şäheriň güýz peýzažyndan lezzet almaga mümkinçilik berýär.



**Täze Orlean, ABŞ.** Amerikanyň «kulinar paýtagty» hökmünde tanalýan Täze Orlean güýz festiwallary, jaz aýdym-saz şüweleňleri, meşhur tagamlary bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Güýz aýlarynda bu şähere syýahat etmek bilen gyzykly güýmenjeleriň biri bolan «Halloween» baýramçylygyna gatnaşyp bolýar. Täze Orlean güýzde dynç almak üçin güýzki festiwallara we güýmenjelere baý şäherleriň biridir.



**Ontario, Kanada.** Güýz paslynda özüne çekiji şäherleriň biri-de Ontario bolup, Torontonyň golaýyndaky şäherde Hokli jülgesine we Kaledon depelerine syýahat edip bilersiňiz. Bulardan başga-da, Algonkin we Killarni seýilgähleri güýz paslynda mämişi-sary lybasa bürenip, tebigaty söýüjilerde täsin duýgulary döredýär.



**Rim, Italiýa.** Rim pyýada gezelenç etmek üçin Ýewropanyň iň gowy şäherleriniň biridir. Taryhy ýadygärliklere baý şähere güýz paslynda baryp görmek bilen tebigy gözellikleri, Panteon ýadygärlikler toplumyny synlap bolýar. Gijesine owadan görnüşe eýe bolýan «baky şäherde» italýan aşhanasynyň dürli tagamlaryndan lezzet alyp bolýar.



**Toskana, Italiýa.** Tuskan tokaýlary bilen meşhurlyk gazanan Toskana şäherine güýz paslynda syýahat edip, Wendemmiýa däbine (üzüm hasylyny ýygnamak baýramçylygy) gatnaşyp bolýar. Ekerançylyk babatda ösen bu şäherde güýz pasly ýylyň iň esasy möwsümi hasaplanýar. Toskana şäherinde fermadaky myhmanhana jaýjagazlarynda galyp, tebigatda asuda dynç alşy geçirip bolýar.

# ÝAGYŞ, NÄMÄ ÝAGÝARSYŇ?!



**Ýagyş diňe bir ösümlikler üçin däl, adamlar we janly-jandarlar üçin hem möhümdir. Ýagyş ýaganda howa arassalanyp, adamlarda şatlykly duýgular döreýär. Dünýäniň birnäçe ýurdunda ýagyş suwy içimlik suwy hökmünde, şeýle hem ekinleri we baglary suwarmak üçin ulanylýar. Eýsem, ýagşyň nähili peýdasy barka?**

**KÖŞEŞDIRIJI YS.** Bilermenler ýagyş ýaganda peýda bolýan ýakymly ysyň adam bedenine we aňyna köşeşdiriji täsir edýändigini ýüze çykardylar. Ýagyş ýaganda we ýagyş diňenden soň daşarda gezelenç etmegiň, ýagşyň ysyndan dem almagyň saglyk üçin ähmiýetlidigi bellenilýär.

**ARASSA HOWA.** Ýagyş damjalary howadaky tozanly bölejikleri özüne çekýär. Ýagyş ýaganda hapalar aýrylyp, howa has arassalanýar. Bilermenler howadaky hapalaryň azalmagyna ýagşyň ýagmagynyň uly peýdasynyň bardygyny belleýärler.

**ALADANY AZALTMAK.** Jybarlap ýagýan ýagyşly howada ýöremek aladalary we stresi azaltmaga ýardam edýär. Bilermenler gysga möhletli bolsa-da, ýagyşly howada gezelenç etmegi maslahat berýärler. Ýöne gezelenje çykmazdan öň howa şertine laýyklykda geýinmegi, saýawan almagy ýatdan çykarmaly däl.

**TEBIGATYŇ MÖHÜM ÇEŞMESI.** Ýagyş ösümlikleriň we janly-jandarlaryň ýaşamagy üçin möhümdir. Ýagyş çeşmeleri we derýalary süýji suw bilen üpjün edip, ýaşyl ekoulgamy emele getirýär.

**ÄTIÝAÇLYK SUW.** Ýagyş suwuny ýygnamak, esasan hem, köp ilatly şäherler üçin möhümdir. Käbir ýurtda suw ýetmezçiliginiň öňüni almak üçin ýagyş suwundan peýdalanylýar. Ýagyş suwuny ýygnamak we gaýtadan işlemek arkaly ilaty agyz suwy bilen üpjün edip bolýar. Şeýle hem oba hojalygynda peýdalanyp bolýar.

# BARMAKLARY ŞYRKYLDATMAK ZYÝANLYMY?



**Käbir adam biygtyýar ýagdaýda barmaklaryny şyrkyldadýar. Bu endik adama kanagatlanma duýgusyny berip, her gezek gaýtalanyny duýman galýar. Barmaklary şyrkyldatmak bogunlaryň çişmegine ýa-da artritiň (bogunlaryň sowuklamasy) döremegine sebäp bolýar diýen dürli garaýyşlar bar. Eýsem, bu garaýyşlar ylma esaslanýarmy?**

Rewmatologlar (bogun şikesleri lukmany) bu garaýyşlary ylmy esasda seljerip, barmaklary şyrkyldatmak endigi barada şeýle netije çykardy.

Barmagyňy şyrkyldadaňda çykýan ses bogunlardaky sinowial suwuklyklardaky köpürjikleriň ýarylmagyndan döreýär. Sinowial suwuklyk bogunlary «ýaglamaga» kömek edýän tebigy madda bolup, sagdyn hereket etmäge mümkinçilik berýär. Barmaklary şyrkyldatmak köpürjikleriň döremegine sebäp bolýan garşylyklaýyn basyşy döredýär. Bilermenleriň öňler şyrkyldyny köpürjikleriň çökmegi diýip hasaplaýandyklaryna garamazdan, geçirilen täze barlaglar barmaklardaky sesiň hakykatdan hem köpürjikleriň döräp-ýarylmagyndan ýüze çykýandygyny görkezdi. Barmaklary şyrkyldadanyňyzdan soň, derrew gaýtalap bilmejekdigiňize göz ýetiren bolmagyňyz mümkin. Munuň biologik sebäbi bolup, boşlugyň we köpürjigiň dolmagy üçin 20 minut töweregi wagt gerek.

**BARMAKLARY ŞYRKYLDATMAK BOGUN ÇIŞMESINE SEBÄP BOLÝARMY?**

Lukmanlar barmaklary şyrkyldatmagyň artritiň ösmegi bilen baglanyşygynyň ýokdugyny, ýagny saglyk üçin zyýanly däldigini belleýärler. Ýyllaryň dowamynda geçirilen köp sanly barlaglarda barmaklary şyrkyldatmagyň bogunlaryň çişmegine sebäp bolýandygy barada subutnama tapylmady.

Kaliforniýaly ýazyjy Donald Unger barmaklary şyrkyldatmak artrit töwekgelçiligini ýokarlandyrýar diýen çaklamany derňemek üçin örän täsin synag geçiripdir. Ol 50 ýyldan gowrak çep eliniň barmaklaryny her gün azyndan 2 gezek şyrkyldadypdyr. Bu endigi sag elininiň barmaklarynda ýerine ýetirmändir. Ýazyjy çep eliniň barmaklarynda 36 müň 500 gezek köpürjikleri ýarypdyr. Synagyň ahyrynda, ýagny 50 ýyldan soň iki eliniň barmaklaryny lukmançylyk barlagyndan geçirýär. Netijede, barmaklarynda bogun çişmesiniň ýokdugy ýüze çykyp, barmaklary şyrkyldatmagyň zyýanynyň ýokdugyna göz ýetirýär. Donald Unger muny subut eden ýeke-täk ýazyjy bolup, 2009-njy ýylda Nobeliň lukmançylyk ugry boýunça baýragyna mynasyp bolýar.

Barmaklary şyrkyldatmak bogunlaryň çişmegine sebäp bolmaýar. Ýöne bu endik köpçülik ýerinde halanmaýandygy sebäpli, mümkin boldugyndan barmaklary şyrkyldatmakdan gaça durmaly. Hereketleriňe üns berip, özüňe erk etmek esasynda bu endigiň öňüni alyp bolýar.

## ÇAGALAR

✓ Grandalanyň beýleki guşlardan tapawutly aýratynlygy horazynyň gögümtil-gara, mäkiýanynyň goňrumtyl-çal reňkde bolmagydyr.



(Türkmen halk ertekisi)

## Gülme goňşyňa...

Gadym eýýamda bir tilkijik bar eken. Bu tilkijik güýz günleriniň birinde aw gözläp ýörkä, gapana düşüpdir. Tilki gapandan sypjak bolup hernäçe urunsa-da, hiç sypyp bilmändir. Birnäçe wagtdan soň, awçy gelip tilkini gapandan sypdyrypdyr. Tilki öz-özüne: «Bu adam indi meni boşatsa gerek» diýip, pikir edip durka, awçy tilkiniň guýrugyna ýüp dakypdyr-da, arkasyna alyp gidiberipdir. Şol barşyna tilki guýrugyny ýolup gaçyp gidipdir. Şol gaçyp barşyna bu tilkijik bir süri tilkiniň üstünden barypdyr. Sürüdäki tilkiler bujagaz tilkiniň guýrugynyň jontaryp durşuna gülşüpdirler. Her näme-de bolsa bu tilkijik olaryň gülkülerine öwrenişip, olar bilen ýaşaberipdir. Şeýlelikde, ýaňky tilkiler bujagaz tilkä «Jotda tilki» diýip at goýupdyrlar.

Günleriň bir gününde jotda tilki ýoldaşlaryna garap:

– Dostlar, geliň, gurt oýnuny oýnalyň! – diýipdir.

Onda tilkiler:

– Gurt oýny diýýäniň näme? Ol oýun nähili oýun bolýar? Ol oýny nädip oýnamaly? – diýip sorapdyrlar.

Jotda tilki bolsa:

– Bu örän gyzykly oýun. Ýöne sizden: «Bu oýny kimden öwrendiňiz?» diýip sorasalar, meniň adymy berersiňiz. Men bolsa häzir size bu oýny öwredeýin – diýipdir.

Ol tilkileriň guýruklarynyň düýbünden ýüp bilen pugta daňyp, olaryň hemmesini bir agaja baglap çykypdyr. Soňra jotda tilki:

– Men daş-töweregi gözden geçireýin, birden awçylar bolaýmasyn – diýip, depä garşy ugrapdyr. Ol depä çykyp, töweregine seredipdir-de, birdenem:

– Haý, gaçaweriň, dostlar! Bir mergen atly ýetip gelýär – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyryp, özi hem bir tarapa gaçan bolupdyr.

Agaja baglanan tilkiler «Mergen gelýär» sesini eşidenden biri-birinden öň gaçjak bolup, urunmaga başlapdyrlar. Şol barmana aňsatlyk bilen sypyp bilmejeklerine gözi ýeten tilkileriň hemmesi guýruklaryny ýolup, tokaýa tarap ökjäni göteripdirler.

Şondan soň bu tilkiler hem jotda bolup galypdyrlar. Bu wakadan birnäçe gün geçenden soň, şol jotda tilkijik bularyň ýanyna gelip:

– «Gülme goňşyňa, geler başyňa», «Köp gülen bir aglar» diýlenine indi düşündiňizmi? – diýip, olara gyjalat beripdir.

# GRANDALA – gögümtil we goňrumtyl guşlar

Ýer ýüzünde guşlaryň 11 müňden gowrak görnüşi duş gelýär. Guşlar tebigat üçin örän möhümdir. Bu ganatly jandarlar dürli şertlerde ýaşap, ösümlikleriň tozanlanmagyna, mör-möjekleriň we gemrijileriň aşa köpelmeginiň öňüni almaga ýardam edýär. Irki döwürlerden bäri adamlar ganatly uçujylar bilen gyzyklanyp gelýärler. Her ýyl guşlaryň täze görnüşleri ýüze çykarylyp, ylmy esasda öwrenilýär. Şeýle guşlaryň hatarynda daşky görnüşi bilen görenleri geň galdyrýan grandalany görkezmek bolar. «Turdidae» maşgalasyna degişli bolan bu guşlar grandala urugynyň ýeke-täk görnüşidir. Grandala giň çäkde – Hindi subkontinental sebitlerinde, Gimalaý daglarynyň aşak we orta belentliklerinde ýaşaýar. Bu täsin guşlar Butanda, Hindistanda, Mýanmada, Nepalda, Tibetde we Hytaýyň käbir sebitlerinde duş gelýär. Ilkinji gezek guşlaryň bu görnüşi 1843-nji ýylda ýüze çykaryldy. Grandala goralyp saklanýan guşlaryň hataryna girýär.



Grandalanyň bedeniniň uzynlygy 20-23 santimetre, agramy 35-52 grama ýetýär. Bu guşlaryň iýmiti, esasan, mör-möjekler bolup, käte miweler bilen hem iýmitlenýär. Adatça ýabany guşlaryň horazynyň we mäkiýanynyň meňzeşligi sebäpli, olary saýgarmak kyn bolýar. Ýöne bu ýagdaý grandalalarda beýle däl. Grandalanyň beýleki guşlardan tapawutly aýratynlygy horazynyň gögümtil-gara, mäkiýanynyň goňrumtyl-çal reňkde bolmagydyr. Bu guşlaryň horazynyň ganatlarynyň ujunda we guýrugynda gara ýelekleri, mäkiýanynyň döşünde çalymtyl menekleri bar. Gökleriň we goňurlaryň garyşyp ýaşamagy edil iki görnüşli guşlar ýaly görünýär. Grandalalar iki ýumurtga goýup, maý-iýun aýlarynda jüýjeleýärler. Bular topar bolup ýaşap, her toparda 150 töweregi guş bolýar. Grandalalar köplenç «çyg-e-e» diýip seslenmek arkaly biri-biri bilen habarlaşýarlar.

# Ýyldyrym çakanda gümmürdi nädip döreýär?

Tebigatda bolup geçýän hadysalar irki döwürlerden bäri adamlaryň ünsüni özüne çekipdir. Haýsy hadysanyň nädip ýüze çykýandygy, nähili ýagdaýda döreýändigi hemmeler üçin gyzykly bolsa gerek. Şeýle tebigy hadysalaryň biri hem gök gümmürdisidir.

Bu hadysa howanyň maýyl we çygly wagty ýüze çykýar. Gar ýagýarka ýa-da howanyň sowuk günleri gök gümmürdemegi, ýyldyrym çakmagy ýaly hadysalar bolmaýar.

Ýyldyrymyň gyzgynlygy 30 müň derejä çenli ýetýär. Bu gyzgynlyk Günüň ýüzündäkiden üç esse ýokary diýmekdir. Bu ýagdaý sekundyň milliondan biri ýaly wagtda bolup geçýär.



Howada döräň elektrik energiýasy ýyldyrymy emele getirip, birden şaha-şaha şöhleler peýda bolýar. Gök gümmürdisi ýyldyrymyň töweregindäki howany gysga wagtda gysmagy netijesinde emele gelýän tolkunlardyr. Şeýle gysga wagtda howa gyzmak bilen birden giňelýär. Giňelen howa adaty atmosfera basyşyndan 100 esse ýokary basyş bilen ses tizliginden has çalt tolkunlary ýaýradyp başlaýar. Bu tolkunlar uly gopgun döredýär.

Yzly-yzyna ýyldyrym çakanda, birinji ýyldyrymyň energiýasy ikinjiňkiden köp bolýar. Emma ikinji gezek çakan ýyldyrym has köp ses edýär. Üns beren bolsaňyz, gök gümmürdisi ýyldyrym çakmagyndan sähelçe soň eşidilýär. Onuň sebäbi bolsa, şöhläniň tizliginiň sesiň tizliginden ýokary bolmagydyr. Adatça, gök gümmürdisi 24 kilometr uzaklykdan eşidilýär.

Sanlary birleşdiriň!



Şekili reňkläň!



Labirint





Origami

10 tapawudy tapyň!





Gyzykly pursat

# Şemşat Kasymowa: – Teatr we kino goşa ganatym

**● Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň aktrisasy Şemşat Kasymowa 10 ýyldan gowrak wagt bäri teatrda we kinofilmlerde baş keşpleri ýerine ýetirýän ussat aktrisa hökmünde tanalýar. «Gudrat» filmindäki ýerine ýetiren keşbi bilen tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolan ýaş aktrisa «Binýat» we «Daragt» ýaly filmlerde hem-de birnäçe spektakllarda dürli keşpleri janlandyrdy. Zehinli aktrisa 2022-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyna mynasyp boldy. 14-15-nji oktýabrda Arkadag şäherinde geçirilen «Arkadagyň säheri» halkara film festiwalynda Şemşat Kasymowa bilen teatr we kino sungatyndaky döredijilik ýoly barada söhbetdeş bolduk.**

**— Şemşat, ilki bilen aktrisa bolmak kararyna gelşiňiz hakda gürrüň berseňiz? Bu çagalyk arzuwyňyzdymy?**

— Aktrisa bolmak kararyna gelşim barada belli bir wagty aýdyp biljek däl. Ýöne A.S.Puşkin adyndaky Döwlet rus drama teatrynda çagalar üçin goýlan spektakllaryň köpüsini sypdyrman görýärdim. Esasan hem, gahrymanlary owadan we şadyýanja gyzlar bolan sahna eserlerini halaýardym. Spektakllardan soň olaryň keşbini özümçe oýnap görerdim. Ýöne teatra bolan söýgimi ýakynlarymdan gizleýärdim. Çagalygymda haýsydyr bir sahnajyklary oýlap tapýardym, tans edýärdim, aýdym aýdýardym. Mekdebi tamamlanymdan soň, haýsy ugurdan ýokary bilim almalydygym barada köp pikirlendim. Has dogrusy, artist bolmak kararyna mekdebi gutaranymdan soň geldim diýsem, hakykatdan daş düşmesem gerek.

**— Ene-ataňyza gelen kararyňyzy aýdanyňyzda, olar nähili kabul etdiler?**

— Dogrusy, her bir ene-ata perzendiniň geljekde haýsy kär-hünäri saýlap aljakdygy baradaky kararyna hormat goýmalydyr diýip pikir edýärin. Mekdebi tamamlanymdan soň Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr we kino sungaty fakultetiniň aktýorçylyk sungaty bölümine synanyşmakçydygym barada ene-atamyň ýanynda dil ýaranymda, olar birbada geň galdylar. Ýöne meni ünsli diňlän enem bu niýetimi ikelläp makullady. Enem sungat adamy bolmasa-da, kakasy – belli režissýor we dramaturg Bazar Amanowdan artistlik barada öwrenenleriniň baryny maňa öwretdi. Şeýdip, okuwa girmek maksady bilen, instituta resminamalarymy tabşyrdym. Synaglardan üstünlikli geçip, garry atam Bazar Amanowyň neslinden ilkinjileriň biri bolup, sungat älemine gadam basdym.

**— Institutda okan döwrüňizde halypa artistleriň haýsysyndan tälim aldyňyz?**

— Institutda okan döwrümde belli sahna ussady, Türkmenistanyň halk artisti Ata Alowowyň bize aktýorlyk ugrundan sapak bermegini uly şowlulyk hasaplaýaryn. Biz talapkär mugallymdan aktýorlygyň inçe tilsimlerini öwrendik. Şeýle ussadyň elinde bilim almagy üstünlige tarap uly ädim hasaplaýaryn.

**— Sahna ilkinji gezek çykyşyňyz ýadyňyzdadyr-la?**

— Elbetde, ýadyma düşýär, bu sapakda bolupdy. Halypamyz Ata Alowow bize özbaşdak parçalary taýýarlap, «Nämä ukyplydygyňyzy görkeziň!» diýip tabşyrdy. Şonda birbada «Mundan nädip baş alyp çykyp bolarka?» diýip, aljyraman hem durmadym. Meniň paýyma sahnada Magtymgulynyň goşgularyny labyzly okamak düşdi. Şeýdip sungata ugrugyp başladym.

**— Okuwy tamamlap, işe başlan teatryňyzda sizi nähili kabul etdiler? Sahnada ilkinji ýerine ýetiren keşbiňiz barada gürrüň beräýseňiz?**

— Ata Alowowdan sapak alandygyma göz ýetirenlerinden soň, Orazgül Apbasowa, Muhammet Bekiýew, Aşyr Işangulyýew, Baýram Kerimow we beýleki halypalar meni mähir bilen garşy aldylar. Köplenç täze işe başlanlara seresaply çemeleşilýär, bellikler edilýär, ýöne topardakylar meni diýseň hoşamaý kabul etdiler. Baş drama teatrynda halypa režissýor Kakajan Aşyrowyň sahnalaşdyran «Bagt kenary» spektaklynda baş keşbi – Altynaýyň keşbini ýerine ýetirdim. Bu meniň ilkinji keşbim. Instituty gutaryp, iş tejribämizi geçip ugran badyma maňa bu keşbi ynandylar. Dogrusy, ilkinji gezek uly sahna çykmak tolgundyrýar. Ol düşündirmesi kyn hem üýtgeşik tolgunma. Režissýor Kakajan Aşyrowyň goýýan sahna oýunlaryna eýgeräýmek ýaňy okuwyny tamamlan talyplar üçin ýeňil-ýelpaý iş däldi. Talapkär režissýor üçin sahnada ownuk-uşak zat ýok. Ol iň bir kiçijik jikme-jiklikleri hem nazara alyp, her bir hereketiňi keseden ünsli synlap durýar. Sahna oýny bilen baglanyşykly ähli ýagdaýlary juda inçelik bilen yzarlap, baha berýär, keşbi nähili janlandyrsaň, jüpüne düşjekdigini maslahat berýär. Şondan soň men Eziz Işangulyýewiň «Ömür daragty» spektaklynda perizadyň keşbinde oýnadym. Bu eser Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabyndaky rowaýat esasynda sahnalaşdyryldy. Bu keşp batyrgaý zenanyň gylyk-häsiýetlerini özünde jemleýändigi üçin maňa diýseň ýakyn bolup, iň gowy görýän keşplerimiň biri. Eserde adamyň durmuşyndaky zerur ahlak gymmatlyklary baradaky wajyp meseleler örboýuna galýar. 2021-nji



ýylda milli teatr sungatymyza bagyşlanyp paýtagtymyzda guralan festiwalda bu spektakly ýerine ýetirip, öňdäki orny eýeledik.

**— Size haýsy keşbi ýerine ýetirmek agyr düşýär?**

— Iň kyn keşp, şu günki sahna oýnundaky keşbim. Bu ýerde men her gezek sahna çykanymdaky keşbimi göz öňünde tutýaryn. Çünki sahnada bütin düýrmegimiz bilen özümizi sahna bagyşlaýarys. Keşbiň şowly çykmagy üçin ähli ukyp-başarnygymy sarp edýärin, edil durmuşdaky ýaly şol keşp bilen ýaşaýaryn, şoňa görä, gahrymanlarymyň hiç birisine söýgüsiz çemeleşip bilemok. Zähmetimiziň ýerine düşmegi bizi iň aladalandyrýan ýagdaý bolup durýar. Eger-de sahna çykanymda ylhamym ýok bolsa, men ony hökman tapaýmaly, sebäbi meniň garşymda kämil, gyzykly oýna garaşýan ýüzlerçe tomaşaçy otyr.

**— Siz birnäçe spektaklda çykyş etdiňiz, olaryň haýsysy göwnüňize has ýaraýar?**

— Maňa teatrymyzda goýlan spektakllaryň hemmesi ýaraýar, ýöne belli rus ýazyjysy Anton Çehowyň pýesasy esasynda goýlan «Aýy» spektakly has ýarady. Meniň onda baş keşpleriň birini ýerine ýetirmegime ussat režissýor Gülälek Akmyradowa ynam bildirdi. Bu sahna oýnunda durmuşyň garaşylmadyk wakalardan doludygy görkezilýär. Muňa zenanlaryň gapma-garşylykly dünýäsi baradaky kyssa diýsegem bolar. Bu sahna eseri tomaşaçylary öz ýakynlary hakda çynlakaý oýlanmaga, durmuşy söýmäge çagyrýar. Hiç haçan könelmeýän söýgi temasy oýnuň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şonuň üçin bu oýun her gezek tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolýar. Mundan başga-da, geçen ýyl Gülälegiň režissýorlygynda köpçülige hödürlenen Şekspiriň ady rowaýata öwrülen «Romeo we Julýetta» diýen söýgi dramasynda Julýettanyň keşbini ýerine ýetirdim. Dört asyrdan gowrak wagt bäri millionlarça adamyň ýüreklerini lerzana salyp gelýän Şekspiriň bu ölmez-ýitmez tragediýasynda çyn söýgi gahar-gazapdan, ýigrençden, duşmançylykdan we ölümden rüstem çykýar. Julýettanyň keşbini sahnada janlandyrmaga gatnaşmagymy uly bagt hasaplaýaryn.

**— «Aýy» spektaklynda Ýelena Popowanyň keşbini ýerine ýetireniňiz ýadymda.**

— Gülälek sahna oýunlarynyň hili babatda ynjalyp bilmeýän zenan, yzygiderli döredijilik gözlegindäki halypamyz hemişe täze bir zatlary gözläp tapýar. Şoňa görä, onuň maňa Ýelenanyň keşbini ynanmagy ajaýyp sowgat boldy. Bir gezek taýýynlyk gidip durka, belki-de haýsydyr bir detal onuň göwnüne ýaran däl bolsa gerek, ol ýanyma gelip: «Eger-de şol ýagdaýda özüň bolan bolsaň näme ederdiň?» diýdi. Menem şeýleräk etseň has täsirli boljakdygyny aýdanymda, ol pikirimi derrew makullady.

**— Siz haýsy režissýor bilen işleşmek isleýärsiňiz?**

— Häzirki wagtda teatr we kino sungatyna režissýorlaryň täze nesli geldi. Olaryň gyzykly, özüne çekiji garaýyşlary bar. Şoňa görä, men olaryň täze maksatnamalaryna gatnaşyp, ýurdumyzyň sahna we kino sungatynyň ösüşine goşant goşmagy niýet edinýärin.

**— Artistiň üstünligini näme kesgitleýär? Gowy artist nähili bolmaly diýip pikir edýärsiňiz?**

— Iň esasy zat, artist öz keşbiniň ruhy dünýäsine düşünmegi, onuň pikirleri, durmuşy bilen ýaşamagy başarmaly. Onsuz sahnada bitirjek işiň ýok. Eger keşbiňe düşünmeseň, onuň bilen dem almasaň, üşükli tomaşaçy dessine duýýar. Sahnada ýasamalygy hiç wagt gizläp bolmaýar.

**— Maşgalaňyzda käriňize nähili garaýarlar?**

— Meniň iki oglum bar. Olar heniz kiçijigem bolsa, kärimi, sungatymy







goldaýarlar. Olar meniň bilen teatra gatnaýarlar, oýunlaryma tomaşa edýärler. Çagalarym meni mekdepde tanaýandyklaryna-da buýsanýarlar. Olar muny ýüze çykaryp ýörmeseler-de, olara ýakymlydygyny duýýaryn. Ýanýoldaşymyň, gaýyn atamyň özleri sungat adamlary bolansoň, meniň kärime hormat goýýarlar. Çünki olar işimiň ýeňil däldigine düşünýärler.

**— Bu hünärde nähili häsiýetler gerek?**

— Ynam, söýgi we umyt. Hudaýa, ykbalyňa we özüňe ynanmaly, işiňe-de jür bolmaly. Bu fiziki, emosional we ruhy taýdan ýeňil kär däl. Elmydama käbir päsgelçilikleri, hemişe özüňi ýeňip geçmeli bolýar. Munuň üçin taýýynlygyň bolmaly. Isleg bolsa, öwrenip bolmaýan kär ýok.

**— Şemşat, indi kino sungaty barada gürrüňe geçeli. Siz haýsy filmlerde surata düşdüňiz?**

— 2016-njy ýylda Halkara zenanlar gününe bagyşlanyp, «Türkmen owazy» teleýaýlymynda «Bagt ekeni – bagtyňa garaşmaklygam» filminde ilkinji gezek surata düşdüm. Soňra režissýor Sapardurdy Annaýewiň «Gudrat» filminde surata düşdüm, onda baş keşbi – Gülälegiň keşbini döretdim. Şeýle-de, 2021-nji ýylda Annadurdy Täşliýewiň režissýorlyk etmeginde «Binýat» atly filmde baş keşbi – Jennediň keşbini ýerine ýetirdim. Filmde ýaş binagär talyplaryň durmuşy, döredijiligi hakynda söhbet açylýar. Režissýor Sahysalyh Baýramowyň döreden «Daragt» filminde-de baş keşbi – Näzik gelniň keşbini ýerine ýetirdim. Filmiň ilkinji görkezilişiniň bolanyna gaty köp wagt geçenok, ol ýurdumyzyň milli telewideniýesinde hem görkezildi. Şeýle-de, «Aşgabat» kinoteatrynda filmiň premýerasy köp sanly kino muşdaklaryny ýygnady. Bu film tomaşaçylaryň göwnünden turandyr diýip umyt edýärin.

**— Siz üçin kino gyzyklymy ýa-da teatr?**

— Dogrusy, olaryň hiç birinden hem uzaklaşasym gelenok. Sahna çykanyňda, tomaşaçylaryň kabul edişini, gyzyklanmasyny duýup, hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak duýgyny başdan geçirýärsiň. Teatrda siz gymmatly eseriň bir parçasy bolup, şonsuz sahna oýny başa barmaýar. Ol ýerde hemme zat bitewi, sazlaşykly, ony ýoýdugyň, eýýäm hiç zady düzedip bolmaýar. Çünki tomaşaçylaryň nazaryndan sypýan zat ýok. Emma kinoda başgaçarak. Kinoda-da kämil keşbiň kemala gelmegi tutuş filmi döredýän topara bagly. Emma kinoda wakany gaýtadan surata düşürip, käbir jikme-jiklikler, aýdym-saz, reňkler we şuňa meňzeşler bilen üstüni dolduryp bolýar. Şol bir wagtyň özünde film ekrana çykýança onuň nähili boljakdygyny diňe çaklap bolýar. Bu garaşmak duýgusy seni iň soňky pursatlara çenli dartgynly ýagdaýda goýýar. Bu aňsat däl. Şoňa görä men teatrsyz we kinosyz oňup bilemok. Filmde keşp ýerine ýetirmek başga dünýä bolup, düýbünden başgaça bir çemeleşme talap edýär.

**— Edebiýat bilen gyzyklanýarsyňyzmy?**

— Edebiýaty gowy görýärin. Häzirki zaman edebiýatynda, meniň pikirimçe, çynlakaý, global meseleleri dil bilen beýan edäýmek ýeňil-ýelpaý iş däl. Meni pikirlenmäge, özüm we töweregimdäki dünýä hakda bir zatlara düşünmäge, oýlanmaga ýardam berýän audiokitaplary diňlemegi gowy görýärin. Esasan, rus ýazyjysy Mihail Labkowskiniň, amerikan ýazyjysy Napoleon Hilliň, nemes ýazyjysy Ekhart Tolleniň eserlerini okamagy ýa-da diňlemegi halaýaryn. Bulardan başga-da, öz milli teatrlarymyzyň taryhy, daşary ýurtlaryň teatrlary we kinosy baradaky eserleri ýygy-ýygydan okaýaryn.

**— Okyjylarymyza nähili arzuwlaryňyz bar?**

— Ilki bilen, gyzykly we dürli wakalara baý durmuşda ýaşamaga güýç-kuwwatyň we mümkinçilikleriň bolmagy üçin hemmelere abadançylyk, saglyk arzuw edýärin! Ömür menzillerinde gaty köp gyzykly wakalar bolýar. Indi men köp wagt bäri sahnada we filmlerde çykyş edýärin, ýöne meniň esasy işim – teatr. Meniň islendik çykyşym ýaşaýşa söýgi, döredijilige ylham berýär. Bu bolsa, durmuşymyzy baýlaşdyryp, oňa özboluşly many çaýýar, şonuň üçin hemmeleri teatrymyza sahna oýunlaryna tomaşa etmäge çagyrýaryn.

**— Sizi ýakyn günlerde haýsy sahna oýnunda görüp bileris?**

— Häzir Eziz Işangulyýewiň režissýorlygynda «Jahan patyşasy Mälik şa» atly täze taryhy drama sahnalaşdyrylýar. Bu sahna oýnunyň ýakyn günlerde ilkinji görkezilişi meýilleşdirilýär. Men onda Jahan şanyň gyzy Mähri Näziň keşbini ýerine ýetirýärin.

**— Şemşat, gyzykly söhbetdeşlik üçin size okyjylarymyzyň adyndan köp sagbolsun aýdýarys. Teatrdaky we kinodaky keşpleriňizde üstünlik hemraňyz bolsun! Käriňizden kemal tapyň!**

— Sag boluň!

*Söhbetdeş bolan* **Ýegenmämmet TAÝLYÝEW,**
*«Zaman-Türkmenistan».*



● **DIKLIGINE:** **1.** Birine göriplik, görübilmezçilik edýän, bahyl. **2.** Ölçeg birligi. **3.** Gün şöhlesi düşmeýän ýer, kölege. **4.** Edilýän hezzet-hormat, meýlis. **5.** Asman jisimlerini öwrenýän adam. **6.** Bir wakany beýan edýän, kyssa görnüşli çaklaňrak çeper eser. **7.** Ahemeniler döwletinde dolandyryjylara berlen dereje. **8.** Žurnallarda, gazetlerde, ýygyndylarda çap edilýän kiçi göwrümli ylmy ýa-da syýasy-jemgyýetçilik ähmiýetli habar. **11.** Türkmen itiniň ady. **13.** Maýmynyň bir görnüşi. **17.** Gresiýada bir şäher. **18.** Günorta Amerikada bir döwlet. **20.** Mal-mülk, baýlyk. **22.** Türkiýäniň dynç alyş şäheri. **25.** Atyň toýnagyna kakylýan ýarym aýlaw demir. **27.** Maddanyň mukdarynyň birligi. **29.** Üm. **30.** Uçarlary, dikuçarlary gonmak, ýerleşdirmek bilen üpjün edýän meýdança. **32.** Dürli gözlegleri taýýarlamak we geçirmek, dogry tertipde saklamak üçin jogapkär hünärmen. **33.** Maksat, niýet. **36.** Suwa batmaz ýaly balyk tutulýan torlara, çeňňegiň bagyna berkidilýän, gara deregiň kökünden taýýarlanan agaç. **37.** Bir zadyň ikinji bir zatdan aýratynlygy. **38.** Türkmen şahyry. **39.** Arassaçylygy saklamaýan, arymsy bolmadyk. **43.** Ynanç, ygtybar. **44.** Meşhur kartina «... Liza».

● **KESELIGINE:** **1.** Irmän-arman, ýadaman. **9.** Sungatyň bir görnüşi. **10.** Bolelinlikde erkana, azat ýaşamak. **12.** «Kyrk ýyl ... gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin» (Mollanepes). **14.** «Süleýmandan artyk bolsa şöwketiň, ... getirse gökni haýbatyň» (Magtymguly Pyragy). **15.** Kebelek. **16.** Gadymy hindi eposy. **19.** Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. **21.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **23.** Ispan aw iti. **24.** Semiz, etli-ganly. **26.** Toý-... **28.** Ýewropanyň günorta-gündogarynda ýerleşýän bir döwlet. **29.** Yş. **31.** Örän gowşak, başarnyksyz. **34.** «Zigir-zigir aýagy bar, segsen demir taýagy bar» (matal). **35.** Birleşdirilen elementler toplumy. **38.** Öwgi, taryp. **40.** Çagalaryň söýgüli gahrymany. **41.** Dessançy şahyr. **42.** Oňurga süňki bilen döşi birleşdirýän insiz uzyn ýaý görnüşli süňkler. **43.** Bir zady, hereketi, alamaty ýagşylyga ýormak däbi. **45.** Türkana, sada. **46.** Gyz ady. **47.** Şagalaňly, şüweleňli.

## 46-njy KROSSWORD

**Pena ALLAMYRADOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

45-nji krosswordyň jogaby:



30-njy skanwordyň jogaby:



## 31-nji SKANWORD

**Gülbahar NURÝAGDYÝEWA,** *Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň rus dili mugallymy.*



## Bir sözlemde...

❯ Hytaýda geçirilen «Şanhaý Masters» tennis ýaryşynda polşaly Hubert Hurkaç çempionlyk gazanyp, ol finalda russiýaly Andreý Rublewi 6:3, 3:6, 7:6 hasaplar bilen ýeňdi we karýerasyndaky 3-nji «WTA 1000», umumylykda-da 7-nji ATP kubogyny asmana göterdi.

❯ Hytaýda geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Çžençžou Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda ýerli tennisçi Çžen Sinwen çehiýaly Barbora Kreýçikowany 2:6, 6:2, 6:4 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 2-nji çempionlygyny gazandy.

❯ Zenanlaryň arasynda geçirilen «Gonkong Açyk» tennis ýaryşynda kanadaly Leýla Hernandes çempion bolup, ol finalda çehiýaly Katerina Sinýakowadan 3:6, 6:4, 6:4 hasabynda üstün çykdy we 3-nji WTA Kubogyny eýeledi.

❯ Seulda geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Koreýa Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda amerikaly Jessika Pegula bilen hytaýly Ýuan Ýue duşuşyp, olaryň birinjisi 6:2, 6:1 hasaplar bilen ýeňşini baýram etdi (karýerasyndaky 4-nji kubogy).

❯ Geçen möwsümde Sloweniýanyň «Olimpiýa Lýublýana» futbol toparyny çempion eden we häzirki wagtda çempionatda 1-nji orunda barýan «NK Selýe» toparyna tälim berýän ispaniýaly ýaş hünärmen Albert Riera Fransiýanyň 2-nji ligasynyň wekili «Bordo» toparynyň tälimçiligine bellendi.

❯ Şotlandiýanyň «Reýnjers» klubunda Maýkl Bileniň ornuna ozal ýurdunyň «Klub Brýugge», Fransiýanyň «Monako» ýaly klublarynda işlän 49 ýaşyndaky belgiýaly Filip Klemen tälimçilige bellenildi.

❯ ABŞ-nyň çempionaty MLS-iň «Di Si Ýunaýted» toparyndan gaýdan 37 ýaşyndaky angliýaly tälimçi Weýn Runi 2-nji liganyň («EFL Championship») wekili «Birmingem Sitiniň» tälimçisi bolup, ol 3,5 ýyllyk şertnama gol çekişdi.

❯ Geçen möwsümde PSŽ toparyny çempion eden fransiýaly tälimçi Kristof Galtie Kataryň «Al-Duhail» toparynda argentinaly Hernan Kresponyň ornuna tälimçilige bellendi.

❯ Ispaniýanyň «Sewilýa» toparynda tälimçi Hose Luis Mendilibar wezipesinden boşadylyp, onuň ornuna soňky gezek Urugwaýyň milli ýygyndysyna tälim beren 48 ýaşyndaky urugwaýly Diego Alonso bellenildi.

# 3-nji AÝLAWA BADALGA BERLER

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 3-nji aýlawyň duşuşyklaryna 29-njy oktýabrda badalga berler. Şol gün 3 duşuşyk — «Köpetdag»–«Nebitçi», «Arkadag»–«Merw», «Ahal»–«Aşgabat», 30-njy oktýabrda bolsa «Energetik» bilen «Altyn asyryň» arasyndaky duşuşyk



geçiriler. XX tapgyryň duşuşyklary-da 2–3-nji noýabrda geçirilip, onda «Ahal» «Nebitçini», «Arkadag» «Şagadamy», «Energetik» «Merwi» hem-de «Altyn asyr» «Aşgabady» kabul eder.

Çempionatyň 3-nji aýlawynyň duşuşyklary 27-nji dekabra çenli dowam eder. Şol bir wagtyň özünde degişli döwürde ozalky tapgyryň galdyrylan duşuşyklary, şol sanda kubok ýaryşynda ýarym finalyň jogap oýunlary hem-de final oýny oýnalar.

**TOPARLARYMYZYŇ AFK-NYŇ ÝARYŞLARYNDAKY INDIKI DUŞUŞYKLARY**

● Aziýanyň klublar ýaryşyna gatnaşýan toparlarymyz geljek hepdäniň dowamynda nobatdaky oýunlaryny geçirerler. AFK Çempionlar Ligasyna gatnaşýan «Ahal» topary myhmançylykda Özbe-



gistanyň «Pahtakor» topary bilen duşuşar. 24-nji oktýabrda sişenbe güni oýnaljak bu duşuşyk ýerli wagt bilen 19:00-da başlanar.

AFK Kubogynda çykyş edýän iki klubumyz bu gezek özara duşuşarlar. 26-njy oktýabrdaky bu duşuşykda «Merw» topary «Altyn asyr» topary bilen güýç synanyşar. 21:00-da başlanjak oýun paýtagtymyzda «Aşgabat» köpugurly stadionynda geçiriler.

# Los Anjeles 2028

## tomusky Olimpiýa oýunlaryna käbir sport görnüşleri girizildi

Sport äleminiň iň uly guramaçylygy hasaplanýan tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna her Olimpiadada sportuň käbir görnüşleriniň goşulmagy dowam edýär. Halkara Olimpiýa Komiteti (HOK) 2028-nji ýylda ABŞ-nyň Los Anjeles şäherinde geçiriljek XXXIV tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilen sport görnüşlerini mälim etdi. Şoňa görä, lakross, beýsbol/softbol, kriket, flag-futbol, skuaş ýaly sport görnüşleri Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna alyndy. Ozal maksatnamadan aýyrmak barada gürrüňi edilen sportuň agyr atletika hem-de häzirki zaman pentatlon görnüşleriniň Los Anjeles 2028-iň maksatnamasynda boljakdygy HOK tarapyndan habar berildi. Boksuň bolsa maksatnamada galdyrylyp-galdyrylmajakdygy häzirlikçe belli däl.



Lakross 1904-nji hem-de 1908-nji ýyldan soň täzeden 3-nji gezek Olimpiýa oýunlarynyň düzümine girizildi. Şol sanda Pariž 2024-iň maksatnamasynda bolmadyk beýsbol/softbol sanawa alyndy. Kriket 1900-nji ýyldan soň 2-nji gezek tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizildi. Amerikan futbolynyň bir görnüşi bolan flag-futbol hem-de skuaş tomusky Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda ilkinji gezek orun alar.

Ýeri gelende bellesek, geljek ýyl Parižde guraljak tomusky Olimpiýa oýunlarynda-da breýktans boýunça bäsleşikler Olimpiadanyň taryhynda ilkinji gezek geçiriler.

# RONALDONYŇ TÄZE REKORDLARY hem-de STATISTIKALARY

Portugaliýanyň ýygyndysy 8 duşuşygynda ýeňiş gazanyp, EURO 2024-e gatnaşmaga hukuk gazandy. Topar oktýabr aýyna çenli gol hem geçirtmän gelýärdi. Ilki Slowakiýany 3–2 ýeňen Portugaliýanyň ýygyndysy myhmançylykda Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Iki oýunda geçirilen 8 goluň deň ýarysyny toparyň super ýyldyzy, 38 ýaşyndaky hüjümçisi Kristiano Ronaldo öz adyna ýazdyrdy. Her duşuşykda biri penaltiden 2 gol geçiren Ronaldo özüniň käbir rekordlaryny hem-de statistikalaryny täzelemegi başardy.





Ronaldonyň milli ýygyndydaky gollarynyň sany 127-ä ýetdi we ol bu ugurda 2-nji ýerdäki Ali Daei bilen arany ep-esli açdy. Şeýle-de, onuň 2023-nji ýylda geçiren gollarynyň sany (milli ýygyndyda hem-de klubda) 40-a ýetdi. Ol häzirki wagtda ýylyň iň köp gol geçiren oýunçysydyr. Bu ugurda Erling Holann 39 gol bilen 2-nji ýerde barýar. Galyberse-de, Ronaldo 12-nji gezek 1 ýylyň dowamynda 40 we 40-dan köp gol geçirip, bu görkeziji boýunça Messini yzda galdyrdy. Messi 11 gezek 1 ýylyň dowamynda 40 we 40-dan köp gol geçiripdi.

Ronaldonyň Ýewropa çempionatlarynyň saýlama tapgyryndaky gollarynyň sany 42 duşuşykda 40-a ýetip, ol bu ugurda öz rekordyny ep-esli ösdürdi. Bu görkeziji boýunça irlandiýaly Robbi Kin 44 oýunda 23 gol bilen 2-nji ýeri eýeleýär.

Portugaliýanyň ýygyndysy toparçadaky 8 duşuşygynda 32 gol geçirip, bary-ýogy 2 gol geçirtdi (şol 2 gol hem Slowakiýa duşuşygynda). Geçirilen 32 goluň 9-syny Ronaldo öz adyna ýazdyryp, ol häzirki wagtda saýlama tapgyrynda 10 golly Romelu Lukakudan (Belgiýa) soň 2-nji orunda barýar.

# Sanawyň lideriniň möwsümdäki 6-njy ýeňşi

**Moto GP boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşy Indoneziýanyň Lombok adasyndaky «Mandalika» halkara trassasynda geçirildi. Ýaryşda 27 aýlawy «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi, sanawyň lideri Françesko Banaia ýeňiş gazandy. 41 minut 20,293 sekuntda pellehana gelen Banaia möwsümdäki 6-njy, karýerasy boýunça 17-nji ýeňşini baýram etdi.**

**Banaiadan 0,306 sekunt gijä galan «Aprilia» toparynyň ispan sürüjisi Mawerik Winýales 2-nji, 0,433 sekunt soň pellehana gelen «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz sürüjisi Fabio Kuartararo 3-nji ýeri eýeledi. Çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp barýan «Ducati Prima Pramac» Horge Martin 12-nji aýlawda awariýa bolup, ýaryşy dowam etdirip bilmedi. Umumy sanawda 3-nji orunda barýan Marko Bezzekki bolsa ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.**

**Esasy ýaryşdan 1 gün soň geçirilen sprint bäsleşiginde Horge Martin 1-nji, «Mooney VR46 Racing» toparynyň italýan sürüjileri – Luka Marini bilen Marko Bezzekki 2-3-nji orunlary eýelediler.**



**Möwsümiň tamamlanmagyna 5 tapgyr galanda, Banaia 346 utuk bilen sanawyň başyny çekýär. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň 328, 3-nji basgançakdaky Bezzekkiniň 283 utugy bar.**

**Möwsümiň 16-njy ýaryşy 22-nji oktýabrda Awstraliýanyň Fillip adasynda geçiriler.**



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

20-nji oktýabr (anna):
Borussiýa D – Werder (23:30)

21-nji oktýabr (şenbe):
**Liwerpul – Ewerton (16:30)**
Werona – Napoli (18:00)
Wolfsburg – Baýer (18:30)
Man. Siti – Braýton (19:00)
Nýukasl – Kristal Palas (19:00)
PSŽ – Strasbur (20:00)
Torino – Inter (21:00)
**Galatasaraý – Beşiktaş (21:00)**
**Çelsi – Arsenal (21:30)**
**Sewilýa – Real Madrid (21:30)**
Maýns – Bawariýa (21:30)
Şeffild Ýun. – M. Ýunaýted (00:00)
Nissa – Marsel (00:00)

22-nji oktýabr (ýekşenbe):
Roma – Monza (15:30)
Spartak M – Pari NN (16:00)
Zenit – Krylýa Sowetow (18:30)
Aston Willa – West Ham (20:30)
Fenerbahçe – Hataýspor (21:00)
**Milan – Ýuwentus (23:45)**
Tottenham – Fulham (00:00)
Barselona – Atletik (00:00)

# Ýewropa çempionatyna gatnaşjak 8 ýygyndy belli boldy

**Geljek ýylyň tomsunda Germaniýada geçiriljek 17-nji Ýewropa çempionatyna gatnaşjak 24 ýygyndynyň 8-si saýlama tapgyrynyň şu gezekki duşuşyklarynyň netijesinde belli boldy. Ispaniýanyň, Şotlandiýanyň, Fransiýanyň, Angliýanyň, Türkiýäniň, Belgiýanyň, Awstriýanyň hem-de Portugaliýanyň ýygyndylary çempionata gatnaşmaga hukuk gazandy. Fransiýadyr Portugaliýanyň ýygyndylary bu tapgyrda ilkinji gezek gol geçirden bolsa, şotlandlar ilkinji sapar ýeňlişe sezewar boldy. Soňky çempion Italiýanyň ýygyndysynyň yzly-yzyna goýberilen Dünýä Kubogyndan soň yklym ýaryşynyň hem daşynda galyp, çempionlygyny goramak mümkinçiligini elden gidermegi mümkin.**

◆ **«A» toparçada** Ispaniýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Şotlandiýany Morata (73) we Sansetiň (86) gollary bilen 2–0 ýeňdi. Norwegiýa bolsa Holannyň 2 gol geçiren oýnunda myhmançylykda Kipri 4–0 hasabynda utdy. Ispaniýa myhmançylykda Norwegiýany Gawiniň 49-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şunlukda, Ispaniýa bassyr 8-nji, umumylykda 11-nji gezek Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Norwegiýanyň ýeňilmeginden soň Şotlandiýanyň hem EURO 2024-e gatnaşjakdygy belli boldy. Olar yzly-yzyna 2-nji, umumylykda-da 4-nji gezek yklymyň iň uly ýaryşynda özlerini synarlar.



◆ **«B» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy Niderlandlary Kilian Mbappeniň 7-nji we 53-nji minutlardaky ajaýyp gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, Germaniýadaky çempionata gatnaşmaga hukuk gazandy. Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 9-njy, umumylykda 11-nji gezek Ýewropa çempionatynda çykyş eder. Gresiýa myhmançylykda Irlandiýany 2–0 hasabynda ýeňip (Jiakomakis 20, Masuras 45+4), öz meýdançasynda Niderlandlardan 1–0 asgyn geldi. Niderlandlara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 90+3-nji minutda penaltiden Wan Deýk geçirdi. Duşuşygyň 28-nji minutynda myhmanlaryň hüjümçisi Wergost penaltini dürs urup bilmedi. Bu duşuşykdan soň Niderlandlar täzeden 2-nji orna beýgelip, ikiçäk duşuşyklaryň netijesi boýunça Gresiýadan öňe saýlandy.

◆ **«C» toparçada** Italiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Maltany Bonawentura (23), Berardi (45+1, 64) hem-de Frattesiniň (90+3) gollary bilen 4–0 ýeňdi. Ukraina bolsa Demirgazyk Makedoniýadan Sudakow hem-de Karawaýewiň gollary esasynda 2–0 üstün çykdy. Ukrainanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Maltany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 1–0 öňe saýlanan Maltanyň derwezesinden gollary Kamenzuli (38 ö.d.), Dowbyk (43 p) hem-de Mudryk (85) geçirdi.

**SOŇKY ÇEMPIONYŇ GATNAŞMAZLYGY MÜMKIN**

● Ýewropa çempionatynyň soňky çempiony bilen finalçysy – Italiýa bilen Angliýanyň ýygyndylary 2,5 ýyla golaý wagtdan soň ýene-de «Wembley»-de duşuşdylar. Duşuşyga italýanlar şowly başlasa-da, soňlugy bilen olara ýeňiş gazanmak başartmady. 15-nji minutda Skamakkanyň goly bilen öňe geçen italýanlara 32-nji minutda iňlisler Keýniň penalti goly bilen jogap berdi. 57-nji minutda Reşford hasaby 2–1-e çykardy. 77-nji minutda Keýn 2-nji goluny geçirip, oýna soňky nokadyny goýdy. Bu ýeňişden soň Angliýanyň ýygyndysy bassyr 4-nji, umumylykda-da 11-nji gezek Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazandy. 3-nji orna düşen Italiýanyň ýygyndysynyň öňünde 2 oýun bolup, indiki tapgyrda ilki Demirgazyk Makedoniýany kabul eder, ondan soň myhmançylykda Ukraina bilen duşuşar.





◆ **«D» toparçada** Türkiýäniň ýygyndysynda Stefan Kuntsuň ornuna tälimçilige bellenen italiýaly Winçenzo Montella täze wezipesine diýseň şowly girişdi. Myhmançylykda Horwatiýany Baryş Ýylmazyň 30-njy minutdaky owadan goly bilen ýeňen Türkiýe öz meýdançasynda Latwiýanyň derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizdi. Gollary Ýunus Akgün (58), Jenk Tosun (84, 90+2) hem-de Kerem Aktürkoglu (88) geçirdi. Horwatiýa Ýewropanyň saýlama tapgyrynyň çäginde öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňildi. Şeýle-de, Türkiýe Latwiýany öz meýdançasynda ilkinji sapar ýeňmegi başardy. Bu ýeňişlerden soň Türkiýäniň ýygyndysy yzly-yzyna 3-nji, umumylykda-da 6-njy gezek Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge hukuk gazandy.





Uelsiň ýygyndysy Horwatiýany Wilsonyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, 2-nji orna beýgeldi.

◆ **«E» toparçada** Albaniýanyň liderligi dowam edip, olar öz meýdançasynda Çehiýany 3–0 hasabynda ýeňdi. Gollary Asani (9) bilen Seferi (51, 73) geçirdi. Çehler 2-nji duşuşygynda Souçekiň penaltiden geçiren ýeke-täk goly esasynda Farer adalaryny 1–0 hasabynda utdy. Farer adalaryny 2–0 ýeňen Polşanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Moldowa bilen 1–1 deňme-deň oýnady.

◆ «**F» toparçada** EURO 2024-e gatnaşjak 2 ýygyndy hem belli boldy. Awstriýa bilen Belgiýanyň arasyndaky oýunda myhmanlar 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda ýer eýleriniň adyndan Laýmer (72) bilen Sabitser (84 p) tapawutlansa, 3–0 öňe geçen Belgiýanyň gollaryny Lukebakio (12, 55) bilen Lukaku (59) geçirdi. Bu ýeňişden soň Belgiýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 3-nji, umumylykda-da 7-nji gezek yklymyň iň uly ýaryşynda çykyş eder. Awstriýanyň ýygyndysy bolsa myhmançylykda Azerbaýjany Sabitseriň 48-nji minutda penaltiden geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňip, 4-nji gezek Ýewropa çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazandy.



◆ **«G» toparçada** Wengriýa öz meýdançasynda Serbiýany Warga (20) hem-de Sallainiň (34) gollary bilen 2–1 utdy. Wengerler 2-nji duşuşygynda Litwa bilen 2–2 deňme-deň oýnady. Serbiýanyň ýygyndysy Mitrowiçiň (9, 73) hem-de Tadiçiň (77) gollary bilen Garadagy 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

◆ **«H» toparçada** Sloweniýa ilki Finlýandiýany 3–0, soňra myhmançylykda Demirgazyk Irlandiýany 1–0 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Daniýanyň ýygyndysy-da Gazagystandan Wind (36) hem-de Skowuň (45+1, 48) gollary bilen 3-1 üstün çykdy. Finlýandiýa bilen Gazagystanyň arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri 28-nji minutda Teýloryň goly bilen öňe geçse-de, soňky 13 minutda Zaýnutdinowyň (77 p, 89) gollary bilen gazaklar ýeňşini baýram etdi. Gazagystanyň Ýewropa çempionatyna gatnaşmak mümkinçiligi dowam edýär. Daniýanyň ýygyndysy myhmançylykda San Marinony Hoýlund hem-de Poulseniň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy.

◆ **«I» toparçada** myhmançylykda Belarus bilen golsuz deňme-deň oýnap, öz meýdançasynda-da Andorrany 4–0 ýeňen Rumyniýa 1-nji orna beýgeldi. Öz meýdançasynda Belarusy kabul eden Şweýsariýa soňky 2 minutda 2 gol geçirip, ýeňlişden halas boldy. Ýer eýeleri Şakiriniň goly bilen öňe geçse-de, Belarusuň ýygyndysy Ebong (61), Polýakow (69) hem-de Antilewskiniň (84) gollary bilen 3–1 öňe saýlandy. 89-njy minutda Akanžiniň, 90-njy minutda-da Amduniniň gollary bilen şweýsarlar hasaby deňlemegi başardy.

◆ **«J» toparçada** Portugaliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Ramuş (18) hem-de Ronaldonyň (29 p, 72) gollary bilen Slowakiýadan 3–2 hasabynda üstün çykdy. Hanko bilen Lobotkanyň gollaryna çäre tapyp bilmedik Portugaliýa ilkinji gezek gol geçirtdi. Bu ýeňişden soň Portugaliýa Ýewropa çempionatynda çykyş etmäge ygtyýar aldy. Olar bassyr 8-nji, umumylykda 9-njy gezek Ýewropa çempionatyna wekilçilik ederler. Portugaliýa 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysynyň derwezesinden 1-nji ýarymda jogapsyz 5 gol geçirdi. Bu oýunda-da gollaryň 2-sini 5-nji (p) hem-de 20-nji minutlarda Kristiano Ronaldo öz adyna ýazdyrdy. Beýleki gollary Bruno Fernandeş (25), Žoao Kanselo (32) bilen Žoao Feliks (41) derweзä girizdi. Toparçada 2-nji ýer üçin göreş alyp barýan 2 ýygyndynyň arasyndaky oýunda Slowakiýa myhmançylykda Lýuksemburgy 1–0 hasabynda ýeňdi.

Toparçalardaky soňky 2 duşuşyk 15-21-nji noýabr aralygynda geçiriler. Şol oýunlardan soň Ýewropa çempionatyna gatnaşjak 21 ýygyndy belli bolar. Galan 3 ýygyndy bolsa geljek ýylyň mart aýyndaky pleý-off tapgyryndan soň kesgitlener. Çempionatyň toparçalarynyň bije çekiliş dabarasy 2-nji dekabrda geçiriler.

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ISPANIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 19-3 | 15 |
| 2 | ŞOTLANDIÝA | 6 | 5 | 0 | 1 | 12-3 | 15 |
| 3 | NORWEGIÝA | 7 | 3 | 1 | 3 | 11-9 | 10 |
| 4 | GRUZIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 9-13 | 7 |
| 5 | KIPR | 7 | 0 | 0 | 7 | 2-25 | 0 |

Kipr—Norwegiýa: 0–4, Ispaniýa—Şotlandiýa: 2–0; Gruziýa—Kipr: 4–0, Norwegiýa—Ispaniýa: 0–1

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | FRANSIÝA | 6 | 6 | 0 | 0 | 13--1 | 18 |
| 2 | NIDERLANDLAR | 6 | 4 | 0 | 2 | 10--7 | 12 |
| 3 | GRESIÝA | 7 | 4 | 0 | 3 | 12--6 | 12 |
| 4 | IRLANDIÝA | 7 | 2 | 0 | 5 | 9--9 | 6 |
| 5 | GIBRALTAR | 6 | 0 | 0 | 6 | 0--21 | 0 |

Niderlandlar—Fransiýa: 1–2, Irlandiýa—Gresiýa: 0–2; Gibraltar—Irlandiýa: 0–4, Gresiýa—Niderlandlar: 0–1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ANGLIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 19–3 | 16 |
| 2 | UKRAINA | 7 | 4 | 1 | 2 | 11–8 | 13 |
| 3 | ITALIÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 11–7 | 10 |
| 4 | D. MAKEDONIÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 7–14 | 7 |
| 5 | MALTA | 7 | 0 | 0 | 7 | 2–18 | 0 |

Ukraina—Demirgazyk Makedoniýa: 2–0, Italiýa—Malta: 4–0; Angliýa—Italiýa: 3–1, Malta—Ukraina: 1–3

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | TÜRKIÝE | 7 | 5 | 1 | 1 | 13--6 | 16 |
| 2 | UELS | 6 | 3 | 1 | 2 | 8--8 | 10 |
| 3 | HORWATIÝA | 6 | 3 | 1 | 2 | 10--4 | 10 |
| 4 | ERMENISTAN | 6 | 2 | 1 | 3 | 8--9 | 7 |
| 5 | LATWIÝA | 7 | 1 | 0 | 6 | 5--17 | 3 |

Horwatiýa—Türkiýe: 0–1, Latwiýa—Ermenistan: 2–0, Türkiýe—Latwiýa: 4–0, Uels—Horwatiýa: 2–1

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ALBANIÝA | 6 | 4 | 1 | 1 | 11--3 | 13 |
| 2 | ÇEHIÝA | 6 | 3 | 2 | 1 | 8--5 | 11 |
| 3 | POLŞA | 7 | 3 | 1 | 3 | 9--9 | 10 |
| 4 | MOLDOWA | 6 | 2 | 3 | 1 | 6--6 | 9 |
| 5 | FARER AD. | 7 | 0 | 1 | 6 | 2--13 | 1 |

Albaniýa—Çehiýa: 3–0, Farer adalary—Polşa: 0–2; Çehiýa—Farer adalary: 1–0, Polşa—Moldowa: 1–1

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BELGIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 16-3 | 16 |
| 2 | AWSTRIÝA | 7 | 5 | 1 | 1 | 15-7 | 16 |
| 3 | ŞWESIÝA | 5 | 2 | 0 | 3 | 11-8 | 6 |
| 4 | AZERBAÝJAN | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-12 | 4 |
| 5 | ESTONIÝA | 6 | 0 | 1 | 5 | 2-18 | 1 |

Awstriýa—Belgiýa: 2–3, Estoniýa—Azerbaýjan: 0–2; Azerbaýjan—Awstriýa: 0–1, Belgiýa—Şwesiýa: (1-nji ýarymy 1–1 gutaran duşuşygyň 2-nji ýarymy oýnalmady)

| Or. | «G« | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | WENGRIÝA | 6 | 4 | 2 | 0 | 11-4 | 14 |
| 2 | SERBIÝA | 7 | 4 | 1 | 2 | 13-7 | 13 |
| 3 | GARADAG | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-8 | 8 |
| 4 | BOLGARIÝA | 7 | 1 | 3 | 3 | 8-12 | 6 |
| 5 | LITWA | 6 | 0 | 2 | 4 | 3-10 | 2 |

Bolgariýa—Litwa: 0–2, Wengriýa—Serbiýa: 2–1; Litwa—Wengriýa: 2–2, Serbiýa—Garadag: 3–1

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SLOWENIÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 17--6 | 19 |
| 2 | DANIÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 17--7 | 19 |
| 3 | GAZAGYSTAN | 8 | 5 | 0 | 3 | 12--9 | 15 |
| 4 | FINLÝANDIÝA | 8 | 4 | 0 | 4 | 12--9 | 12 |
| 5 | D. IRLANDIÝA | 8 | 2 | 0 | 6 | 7--9 | 6 |
| 6 | SAN MARINO | 8 | 0 | 0 | 8 | 1--26 | 0 |

D. Irlandiýa—San Marino: 3-0, Sloweniýa—Finlýandiýa: 3-0, Daniýa—Gazagystan: 3-1; Finlýandiýa—Gazagystan: 1-2, D. Irlandiýa—Sloweniýa: 0-1, San Marino—Daniýa: 1-2

| Or. | «I» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | RUMYNIÝA | 8 | 4 | 4 | 0 | 13--4 | 16 |
| 2 | ŞWEÝSARIÝA | 7 | 4 | 3 | 0 | 20--8 | 15 |
| 3 | YSRAÝYL | 6 | 3 | 2 | 1 | 7--7 | 11 |
| 4 | KOSOWO | 7 | 1 | 4 | 2 | 8--8 | 7 |
| 5 | BELARUS | 8 | 1 | 3 | 4 | 7--14 | 6 |
| 6 | ANDORRA | 8 | 0 | 2 | 6 | 3--17 | 2 |

Andorra—Kosowo: 0–3, Belarus—Rumyniýa: 0–0; Şweýsariýa—Belarus: 3–3, Rumyniýa—Andorra: 4–0, Ysraýyl—Şweýsariýa, Kosowo—Ysraýyl duşuşyklary soňa goýuldy.

| Or. | «J» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PORTUGALIÝA | 8 | 8 | 0 | 0 | 32-2 | 24 |
| 2 | SLOWAKIÝA | 8 | 5 | 1 | 2 | 11-5 | 16 |
| 3 | LÝUKSEMBURG | 8 | 3 | 2 | 3 | 8-18 | 11 |
| 4 | ISLANDIÝA | 8 | 3 | 1 | 4 | 15-10 | 10 |
| 5 | BOSNIÝA | 8 | 3 | 0 | 5 | 7-14 | 9 |
| 6 | LIHTENŞTEÝN | 8 | 0 | 0 | 8 | 1-25 | 0 |

Islandiýa—Lýuksemburg: 1-1, Lihtenşteýn—Bosniýa: 0–2, Portugaliýa—Slowakiýa: 3-2; Bosniýa—Portugaliýa: 0–5, Islandiýa—Lihtenşteýn: 2–0, Lýuksemburg—Slowakiýa: 0–1

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 2023-nji ýylyň iň köp girdeji gazanan futbolçylary

**Dünýä belli «Forbes« žurnaly 2023-nji ýylyň iň köp girdeji gazanan futbolçylarynyň sanawyny mälim etdi. Sanawyň başyny ýylyň ilkinji aýynda Saud Arabystanynyň «Al Nassr» toparyna transfer bolan portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo eýeleýär. 38 ýaşyndaky oýunçy beýlekilerden ep-esli köp gazanç bilen öňde barýar. Ýyldyz oýunçynyň şu ýylky gazanany 248 million ýewro deňdir.**

**2-nji ýerdäki Lionel Messiniň 128 million, 3-nji orundaky Neýmaryň 106 million ýewrolyk gazanjy bar. 4–5-nji ýerlerdäki futbolçylaryň gazanjy 100 million ýewrodan ýokary boldy. Kilian Mbappe 104 million ýewro bilen 4-nji, 100 million ýewro gazanjy bolan Karim Benzema 5-nji ýeri eýeledi. Erling Holann (55 million ýewro), Mohamed Salah (50 million ýewro), Sadio Mane (49 million ýewro), Kewin De Bruýne (37 million ýewro) hem-de Harri Keýn (34 million ýewro) ilkinji onlukdaky beýleki 5 futbolçydyr.**



**2023-nji ýylyň iň köp girdeji gazanan futbolçylary:**
1. Kristiano Ronaldo (Portugaliýa) – 247 million ýewro;
2 .Lionel Messi (Argentina) – 128 million ýewro;
3. Neýmar Junior (Braziliýa) – 106 million ýewro;
4. Kilian Mbappe (Fransiýa) – 104 million ýewro;
5. Karim Benzema (Fransiýa) – 100 million ýewro;
6. Erling Holann (Norwegiýa) – 55 million ýewro;
7. Mohamed Salah (Müsür) – 50 million ýewro;
8. Sadio Mane (Senegal) – 49 million ýewro;
9. Kewin De Bruýne (Belgiýa) – 37 million ýewro;
10. Harri Keýn (Angliýa) – 34 million ýewro.

# 1-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary tamamlandy

Dünýä Kubogy 2026-nyň Aziýa saýlama zolagynyň 1-nji tapgyrynyň duşuşyklary geçirilip, toparçalarda çykyş etjek ýygyndylaryň ählisi hem belli boldy. Öz meýdançasynda Butany 4–0 ýeňip, myhmançylykda-da 2–0 utulan Gonkongyň ýygyndysy «E» toparçada Türkmenistanyň, Eýranyň hem-de Özbegistanyň ýygyndylary bilen duşuşar. Hytaý Taýpeýiniň ýygyndysy Timor-Lesteniň ýygyndysyndan öz meýdançasynda 4–0, myhmançylykda-da 3–0 üstün çykdy. 8 ýyldan soň öz meýdançasynda ilkinji gezek duşuşyk geçiren Pakistanyň ýygyndysy Kambojany 1–0 ýeňip (1-nji oýun 0–0), taryhynda ilkinji sapar Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda 2-nji tapgyra çykdy. Nepal Laosy (1–1, 0–1), Mýanma Makaony (5–1, 0–0), Ýemen Şri Lankany (3–1, 1–1), Bangladeş Maldiwleri (1–1, 2–1) ýaryşdan çykardy. Guamy 2 ýerde-de (2–1, 1–0) ýeňen Singapur bilen Mongoliýany 2 ýerde-de 1–0 hasaplar esasynda ýeňlişe sezewar eden Owganystanyň ýygyndysy hem 2-nji tapgyrda oýnamaga hukuk gazandy.

Şoňa görä, toparçalarda çykyş etjek ähli ýygyndylar belli bolup, toparçadaky 1–2-nji duşuşyklar 16–21-nji noýabrda oýnalar. Toparçalarda 1–2-nji orny eýelänler 3-nji saýlama tapgyryna çykarlar.



**«A»:** Katar, Hindistan, Kuweýt, Owganystan; **«B»:** Ýaponiýa, Siriýa, D. Koreýa, Mýanma; **«C»:** G. Koreýa, Hytaý, Tailand, Singapur; **«D»:** Oman, Gyrgyzystan, Malaýziýa, Hytaý Taýpeýi; **«E»:** Eýran, Özbegistan, Türkmenistan, Gonkong; **«F»:** Yrak, Wýetnam, Filippinler, Indoneziýa; **«G»:** Saud Arabystany, Iordaniýa, Täjigistan, Pakistan; **«H»:** BAE, Bahreýn, Ýemen, Nepal; **«I»:** Awstraliýa, Palestina, Liwan, Bangladeş.

# 37 oýundan soň ilkinji gezek ýeňildi

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň duşuşyklary Günorta Amerika zolagynda dowam edýär. Toparlar 3-4-nji duşuşyklaryny geçirdiler.**

**MESSI SUARESIŇ REKORDYNY TÄZELEDI**

Dünýä Kubogynyň soňky çempiony Argentinanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Paragwaýy Otamendiniň 3-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Argentinanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Perunyň ýygyndysyny Lionel Messiniň 32-nji hem-de 42-nji minutlardaky gollary bilen 2–0 ýeňip, ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirdi. Duşuşykda 2 gol geçiren Lionel Messiniň Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda geçiren gollarynyň sany 31-e ýetdi. Ol bu ugurda Luis Suaresiň (29 gol) rekordyny täzeläp, Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda iň köp gol geçiren Günorta amerikaly futbolçy bolmagy başardy.



Öz meýdançasynda Wenesuela bilen 1–1 (Gabriel 50 — Bello 85) deňme-deň oýnan Braziliýanyň ýygyndysy myhmançylykda Urugwaýdan 2–0 utuldy. Urugwaýyň gollaryny Nunýes bilen De La Kruz geçirdi. Braziliýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda 37 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Sambaçylar soňky gezek 2015-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda Çiliden 2–0 utulypdy. Şondan bäri 37 oýunda 28 ýeňiş gazanyp, 9 oýunda-da deňme-deň oýnady. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň ahyrynda çep dyzyndan şikes alan ýyldyz oýunçy Neýmar Junior meýdançany gözýaşlary bilen terk etdi. Onuň ýakyn günlerde operasiýa ediljekdigi habar berildi. Ýyldyz oýunçynyň möwsümiň galanynda meýdança çykyp bilmejekdigi mälim edildi.

Geçirilen ilkinji 4 tapgyrda Argentina gol geçirtmezden, ýitgisiz liderligini dowam etdirýär. Ilkinji 4 duşuşykda Boliwiýanyň ýeňşi, Perunyň ýygyndysynyň bolsa goly ýok.






**GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 4 | 4 | 0 | 0 | 7-0 | 12 |
| 2 | URUGWAÝ | 4 | 2 | 1 | 1 | 8-5 | 7 |
| 3 | BRAZILIÝA | 4 | 2 | 1 | 1 | 7-4 | 7 |
| 4 | WENESUELA | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-2 | 7 |
| 5 | KOLUMBIÝA | 4 | 1 | 3 | 0 | 3-2 | 6 |
| 6 | EKWADOR | 4 | 2 | 1 | 1 | 4-3 | 4 |
| 7 | PARAGWAÝ | 4 | 1 | 1 | 2 | 1-2 | 4 |
| 8 | ÇILI | 4 | 1 | 1 | 2 | 3-6 | 4 |
| 9 | PERU | 4 | 0 | 1 | 3 | 0-5 | 1 |
| 10 | BOLIWIÝA | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-11 | 0 |

Kolumbiýa—Urugwaý: 2–2, Boliwiýa—Ekwador: 1–2, Argentina—Paragwaý: 1–0, Çili—Peru: 2–0, Braziliýa—Wenesuela: 1–1;

Paragwaý—Boliwiýa: 1–0, Ekwador—Kolumbiýa: 0–0, Wenesuela—Çili: 3–0, Urugwaý—Braziliýa: 2–0, Peru—Argentina: 0–2

# BMW «Real Madridiň» futbolçylaryna ELEKTROULAG SOWGAT BERDI

Germaniýanyň dünýä belli awtoulag brendi Ispaniýanyň «Real Madrid» toparynyň futbolçylaryna hem-de tälimçisine hemaýatkärlik şertnamasynyň çäginde elektroulaglary sowgat berdi. Mälim bolşy ýaly, «Real Madrid» topary geçen ýyl 19 ýyllyk ozalky hemaýatkäri «Audi» kompaniýasyndan soň BMW bilen hemaýatkärlik şertnamasyny baglaşypdylar. Sowgat berlen ulaglar BMW-niň i4, i7, iX hem-de XM kysymlary bolup, olaryň bahalary dürli-dürlüdir. 8 futbolçy — Tibo Kurtua, Kepa Arrisabalaga, Jud Bellingam, Dani Sebalios, Arda Güler, Hoselu hem-de Rodrigo paýlanan ulaglaryň arasyndan iň gymmady hasaplanýan XM kysymlysyny aldylar. BMW-niň bu ulag görnüşiniň bahasy 180 müň ýewrodan ýokarydyr. Toparyň tälimçisi Karlo Ançelotti bilen bir hatarda, Lukas Waskes, Winisius Junior, Eder Militao, Fran Garsiýa, Eduardo Kamawinga dagy bolsa bahasy 80 müň ýewrodan ýokary bolan «BMW i4 M50» kysymly görnüşini saýlap aldylar. Fransiýaly oýunçy Orelien Tçuameniniň saýlap alan «BMW i4 eDrive35» görnüşli ulagy paýlanan ulaglaryň arasynda iň arzany bolup, onuň bahasy 57,3 müň ýewro deňdir.



# 34-nji Afrika Milletler Kubogynyň bijeleri çekildi

Geljek ýylyň ilkinji aýlarynda Kot-d'Iwuar döwletinde geçiriljek 34-nji Afrika Milletler Kubogynyň bijeleri çekildi. Ýer eýeleri çekilen bijä laýyklykda, «A« toparçada çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Nigeriýanyň, şol sanda Ekwator Gwineýasy hem-de Gwineýa-Bissau döwletleriniň ýygyndylary bije çekişdi. Çempionat geljek ýylyň 13-nji ýanwary – 11-nji fewraly aralygynda geçiriler. Duşuşyklar 5 şäherdäki – paýtagt Abidjan (2 stadion), Buake, Korhogo, San Pedro, Ýamusukro şäherlerindäki 6 stadionda oýnalar. Geçen tomusda guralmaly ýaryş oňaýsyz howa ýagdaýy sebäpli gyş paslyna geçirilipdi. Çempionatda toparçalarda 1–2-nji orny eýelänler hem-de 3-nji orny alanlaryň iň gowy netije görkezen 6-sy 1/8 finala çykar.



**«A» toparça:** Kot-d'Iwuar, Nigeriýa, Ekwator Gwineýasy, Gwineýa-Bissau
**«B» toparça:** Müsür, Gana, Kabo Werde, Mozambik
**«C» toparça:** Senegal, Kamerun, Gwineýa, Gambiýa
**«D» toparça:** Alžir, Burkina Faso, Mowritaniýa, Angola
**«E» toparça:** Tunis, Mali, Günorta Afrika, Namibiýa
**«F» toparça:** Marokko, Kongo DR, Zambiýa, Tanzaniýa

TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK»
PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly müşderiler!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky, döwrebap hyzmatlarynyň gerimini has-da giňeldip, bir «Altyn asyr» bank kartyndan başga bir «Altyn asyr» bank kartyna pul geçirmek amalynyň hereket edýändigi barada habar berýär.

Hyzmata laýyklykda müşderilerimize birek-biregiň bank kartyna bankomatlaryň ýa-da «Internet-bank», «Mobil-bank» hyzmatlarynyň üsti bilen bir aýyň dowamynda 1000 (bir müň) manatdan ýokary bolmadyk möçberde pul geçirimlerini amala aşyrmaga mümkinçilik döredilen.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
+99312 44-48-37
+99312 44-49-27

www.halkbank.gov.tm

«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!

